**Hydyr AMANGELDI**

# Gurruk guýy

1.

Ýaşy kyrkdan geçip ugran Myrat köçäň gyrasynda aşyk oýnaýan oglanlary maşynyndanam düşmän, synlap duranyny özem duýanokdy. Ol oglanlaryň biri kenegini dogrulap atyp bilse, hamala özi atan ýaly begenip, emelsizrägi pys geçirse-de, «Häh» diýip gynanýardy. Onuň bolup oturşy «Eý, menem oýnadaýyňda» diýip, maşynyndan düşüp baraýjaga meňzeýärdi. Ol oglanlaryň utýan aşyklaryny jübülerine salyşlaryny görüp: «Meň dagy ýörite aşyk torbam bolardy. Onda-da birem däl, ikisi bardy» diýip içinden pikir etdi. Soňam edil oglanlygyndaky ýaly: «Biziň ýanymyzda dagy bular öwrenje-laý» diýdi. Ahyram mugallymlar «Agtygyň aşykdan başga bilýän zady ýok, okuwyny okanok» diýip, onuň atasyna arz edipdiler. Atasy pahyram bir gün Myrada: «Hany oglum, getir aşyklaryňy. Getir, sanap göreli» diýipdi. Şol gün ataly-ogul aşyklary täze ýyl kän aşyk getirer ýaly melleklerinde, üzümleriň arasynda ekipdiler. Şeýdip, Myrat aşyk oýnamasyny goýupdy. Dogrusy, aşygy taşlanynyň sebäbi diňe bu-da däldi...

Myradyň ikinji sebäbi ýatlasy gelmedi. Ikinji sebäbiň ýadyna düşmesi ony birden özüne getirdi. Ol töweregine seretdi. Çagalaň aşyk oýnaýşyna syn edip oturşyny gizlejek bolýan ýaly garanjaklady. Ýöne hiç kimiň, hatda çagalaryňam onuň bilen işi ýokdy.

Könelip ugran maşyny bilen kireý edip çaga ekleýän, ýüzi ýaşyndan uly görünýän, bu aladaçyl adamyň şu gün ir ertirden ýüreginde bir üýtgeşik duýgy oýanypdy. Ýa gije düýşünde garry atasyny görendenmi, birhili nämädir bir zada garaşýan ýalydy.

Myrat kiçijikliginden atasy bilen höwrügipdi. Atasyny tapsa eje-kaka diýmändi. Atasam bu ýumuşjyja agtygyny gowy görerdi. Myrat ölümiň ilkinji ajysynam atasy ýogalanda dadypdy. Atasy pahyr dünýeden ötende Myrat on üç-on dört ýaşly oglandy. Şol ýaşlarynda ol ýogalan atasyny düýşünde köp görerdi. Edil diriligindäki ýaly, çaýyny-käsesini äberip, gürleşip oturardy. Soňam ukudan oýananyna gynanardy. Bu düýşler Myradyň aňynda hamala atasy ýakyn bir ýerde ýaşap ýören ýaly duýgyny oýarardy. Ýöne soň ýigit çykdy, öýlendi, çagalary boldy. Ata-da hamala daş bir ýurda göçen ýaly, ýuwaş-ýuwaş ýatdan çykyberdi. Atasam düýşüne girmesini goýdy. Myradyň niçe ýyldan bäri birinji gezek atasyny düýşünde görşüdi.

Ol edil diri ýalydy. Owadan gül-gülzarlykda otyr. Täret kylýanja mis kündügem ýanynda. Myrat, gör, näçe gezek o kündügi atasyna suwdan dolduryp beripdi. Köneje namazlygam ýazylgy dur. O pahyr söýgüli agtygyna bir zatlar diýdi welin, Myrat oýananda, teý, ýadyna düşürip bilmändi. Kündügi, namazlygy, hasam atasynyň elini, ýüzüni ýanynda ýaly görenini bilýärdi. Myrady haýran eden zat hasam atasynyň täret kylanda ýuwan elleriniň, ýüzüniň lowurdap durşudy. Atasynyň goşarynda buldurap duran suw damjalary, edil merjen ýaly ýaldyraýardy.

Atasynyň sakgalyny öllän suw damjalarynyň lowurdusy häzirem Myradyň göz öňüne gelip gitdi. Myrat bu düýşüni nämä ýorjagyny bilmeýärdi. Has beteri hem atasynyň aýdanlarynyň ýadyna düşmeýänine gynanýardy. Göwnüne bolmasa, ol ýöne ýere düýşüne girmedik ýaly, atasynyň aýdanlarynyň juda gerekli bir zatdygyny duýýardy.

Myrat çygjaran maňlaýyny eliniň aýasy bilen syldy. Ol öz ýanyndan: «Ýadymdan çykmasyn diýip iki dagam gaýtaladym-la» diýip ahmyr etdi. Soňam içinde gopýan düşnüksiz harasady özüçe şeýle düşündirdi:

«Düýşümdenem däldir-le, belki, ýazyň ilki günleri düşnüksiz duýgulary oýarýandyr. Elim giňese, bir janly alyp, atam üçin ýörite tebärek çykardaryn-da...»

2.

Myrat aşyk diýip, düýş diýip, ýok zatlaryň pikirini edýänine käýindi. Ol: «Meňem bolup ýörşümi?!» diýip hüňürdedi-de, maşynyny otlap ýola düşdi. Näçe hüňürdese-de, hakydasynda janlanan öz oglanlygy, obaň ilersinde goýun bakyşlary, aşyk oýnaýyşlary, atasy bilen mellegiň içinde aşyk ekişleri esli wagt onuň göz öňünden gitmedi.

Çagalygyň dünýesi bir aýry. Ýöne şol aşyklary bilen baglanşykly bir waka Myradyň ýüreginde yza bolup galypdy. Häzirem ol şol yza sebäpli, çagalygyny hakydasyndan kowjak bolýardy. «Ondan jübüňe düşýän zat ýok. Sagat bolsa eýýäm on bir bolup barýar. Ullakan eden kireýimem ýok. Tas ýarym sagada golaý aşyk oýnaýan çagalara seredip oturypdyryn» diýip, ýene özüne käýinen Myrat maşynynyň gazyna basdy.

Şäheriň köçeleri birhili çolady. Hamala millet işli-işine, öýli-öýüne ýygnanan ýalydy. Myrat öz-özüne käýinip barşyna biraz ünsüni üýtgetmek niýetinde magnitofonynyň düwmesine basdy. Maşynyň içine ýakymly saz doldy. Bu saz gaýta Myrady ýene ýatlamalara çekýärdi. Ýatlamalaryndan basylýan, gönümeliräk häsiýetli bu ýigit hor çekgelerini owkalaşdyrdy.

– Bu nähili bold-aý?! Ýa öýe baryp bir salym irkilip galaýsammykam. Aý, gaýta beter bolaryn. Uklabam bilmerin.

Owal şular ýaly bolanda dostlarynyň ýanyna gitmek Myradyň häsiýetidi.

– Indi dost diýip gapy-gapy aýlanylyp ýörülýän ýaşdanam çykylypdyr. Atam pahyra garransoňam «Men Muhammetmyratlara baryp geleýin» diýerdi-de, hasasyny tyrkyldadyp, obaň o çetine gidibererdi. Muhammetmyrat aga-da garaşyp oturandyr atama. Baý, ikisi süýji-süýji gürrüňler ederdiler. Ýa bizem ýaşymyz segsene ýetensoň dostlarymyzyň ýanyna keýpine gidermikäk?! Aý, näbileýin, Hoja Nasreddiniňki ýaly o ýaşa çenli ýa dost galmaz, ýa biz...

Oglanlykda aşykdan soň gyzygan zady çeper kitap bolandanmy nämemi, Myrat birden her hili oýlanmalara özüni aldyranyny duýman galardy. Onuň bu häsiýetini ejesi pahyram halamazdy. «Ýene başladyňmy içiňi hümletmäge?» diýerdi. Myradyňam ýaşy gitdigiçe halamaýan zady pikir boldy. Ol: «Pikirden netije ýok, öňi-soňy durmuş seň pikiriňe kän bir gulak asanok. Oň öz etjegi bar» diýerdi. Emma aslynda onuň pikir etmäni ýigrenip başlamagynyň sebäbi pikirlerinden uç tapyp bilmeýänligindendi. Köpülenjem pikirleri ony başyndan geçen haýsydyr bir gussaly wakaň üstünden elterdi. Myrat onsoň kän günläp gussasyndan açylyp bilmän gezerdi. Häzirem ol kellesiniň biygtyýar müň meseläň üstüni gozgamasyna darykýardy.

Myrat magnitofonyna täze kasseta goýdy. Indi bir ýaş ýigit söýgi aýdymyna gygyryp başlady. Myrada bu ses hem ýoknasyz eşdildi. Ol göz gytagyny aýlap, kassetalaryny dörüşdirdi. Göwnüne ýaraýjak aýdym-saz gözledi. Şol barmana-da ýoldan ylgap geçjek bolan biri maşynynyň öňüne çolaşdy. Myrat nädip tormoza basanyny, ruluny saga sowanyny duýmady. Maşyn ýanýodany kesip, gyrada ösüp oturan ýogyn agaja dört barmak ýetmän saklandy. Ýüzünde reňk-pet galmadyk Myrat maşynynyň ruluny gujaklap esli salym oturdy. Maşynynyň aşagyna düşmeden Hudaý sowan, gyssanmaç ýigit, ýukajyk plaşşynyň ýakasyny galdyryp, yzyna garaman haýdap, özünden uzaklaşyp barýardy. Aýaklarynda ysgyn galmadyk Myrat onuň ýakasyndan tutmaga beýle-de dursun, oňa sögünibem bilmeýärdi. Biriniň ganyna galandyryn diýen gorky onuň ähli erkini alypdy.

Myrat bir salymdan özüne geldi. Henizem çalaja titireýän aýaklaryny owkalaşdyrdy. Düşüp maşynynyň agaja şeýle golaý gelse-de, degmeýşine haýran galyp seretdi. Soň ýene dolanyp, maşynyna mündi. Myradyň ýüreginde näçe harasat gopsa, töweregem şonça asuda ýalydy. Ol bu ägirt tapawuda haýran galdy. Öý-içeri, çaga, iş, gazanç aladalary bilen ýaşynyň kyrkdan nädip geçeninem duýmadyk bu sada ynsan, mydam özüni bu dünýäniň bir aýrylmaz bölegi ýaly duýýardy. Gün dogmaly, olam oýanaýmaly. Gün ýaşmaly, garaňky düşmeli olam ýadaw halda düşegine geçip uklamaly. Ertesi ýene şoň ýaly. Häzir welin, ol hamala gelmişek ýalydy. Hiç kimiň, hiç zadyň onuň bilen işi ýokdy. Myradyň kellesine: «Adam ölende-de şeýle bolýandyr-ow. Sen ýok, Gün bolsa şol öňküsi ýaly ýaşyp dogup dur. Sen welin, irden turmasaň Gün dogmajak, gazanç getirmeseň aç öläýjek ýaly haýdap ýörensiň» diýen pikir gelip geçdi.

Myrat bu gün öz bolup ýörşüne, kellesine gelýän pikirlere haýran galýardy. Aşyk diýdi, atasyny ýatlady, dostluk diýdi, indem ölüm, ölümden soňam dünýäň aýlanyp durjakdygy...

Ol: «Tas bir aňkawyň ganyna galypdym. Öýe baraýyn, dynjymy alaýyn. Bu gün meňki boljak däl» diýip, ulagyny yza sürüp, ýanýodadan aýyrmakçy boldy. Şol wagtam Myrat gapdalynda biriniň peýda bolanyny duýdy.

– Näme, gaty gorkduňmy?

Onuň sesi näçe ýakymly, mylaýymam bolsa, Myrat tisginip gitdi. Gaňrylyp nätanyşa seretdi.

Gapdalynda ýylgyryp oturan 25-30 ýaşlaryndaky ýigitden töwerege üýtgeşik bir mähir, nur ýaýraýan ýalydy. Onuň sypatynda gorkara hiç zat ýogam bolsa, Myradyň ýüregini üýtgeşik bir gorky gaplady. Ýa onuň duýdansyz geleninden boldumy...

– Sen kim?

Nätanyş jogap bermän ýylgyrýardy. Ol hamala jogaby owadan gözlerimden, lowurdap duran sagat dişlerimden al diýýän ýalydy. Nätanyşyň jogap bermän oturşy Myradyň ýüreginde dörän gorkyny hasam artdyrdy. Niçigem bolsa Myrat özüne basalyk eden bolup, zordan ýylgyrdy-da:

– Dost, seň nädip geleniňi, haçan maşyna müneniňem duýmandyryn. Aý, ýaňy aljyranyň biri tas maşynyň aşagyna düşüpdi. Hudaý sowaýdy.

– Hawa, özüňe galsa-ha sowulyp ýetişjek däldiň.

Myrat barmaklarynyň täzeden titiräp başlanyny duýdy. Onuň örküçliräk burnunyň üstünde owunjak der damjalary göründi. Gorksa derrew burnunyň derlemesi Myratda çagalagyndan bardy. Burnunda der gördügi ol gorkýanyny bilip hasam özüni ýitirerdi. Nätanyş welin, hamala Myrady köneden tanap ýören ýaly gaty arkaýyndy. Ol haýran galdyrýan ýürekdeş mylaýymlyk bilen:

– Esasy zat meň saňa dostdugymy bilseň bolýa. Her kes meni özüniň duşmany saýýar, sen welin, maňa dost diýdiň. Ýogsa, meň adama ýamanlyk eden ýerim ýok – diýdi. Nirden çykany näbelli bu nätanyşyň gürlän wagty dilinden beter gözleri gürleýän ýalydy. Onuň göz okarasyny dolduryp duran gözleri mähir derýasy ýalydy. Nätanyşyň owadan gözlerine bendi bolsa-da, eden gürrüňinden hiç zada düşünmedik Myrat, öz ýanyndan çen atýardy:

«Men muň nädip gelenini duýmadym. Seredişi ýylgyrşam birhili üýtgeşik. Gep-sözüne-de düşüner ýaly däl. Ýa gözüme görünýärmikä? Ýa gorkyma aklym üýtgäýdimikä?»

Nätanyş edil Myradyň içinden edýän pikirlerinem bilip duran ýaly seslendi:

– Nätdiň-aý. Akyly üýtgän adamam maşyn sürüp bilermi? Sen arkaýyn maşynyňy ýola çykardyň.

Myradyň zordan dili aýlandy. Ol sakawlap:

– S-s-s-Sen kim? N-n-nirden çykdyň? Pe-pe-perişdemi, ýa arwah-jynmy?

Nätanyş indi çala ses bilen güldi.

«Gülüşem täsin. Arwah-jyn bolsa, gorkunç bolaýjak ýaly? Sakawlyk nireden gel-daý.»

Nätanyş öňküsindenem beter ýüzi ak-tam bolan Myrady köşeşdirmäge çalyşýardy. Myradyň häzirki gorkuşy, maşyny bilen adam urdurjak bolandaky bilenem deňeşdirer ýaly däldi. Onuň tutuş göwresine galpyldy gelipdi. Myrat bu adamyň owal ýanynda ýokdugyny, soňam ýanyna gelmändigini anyk bilýärdi. Ol:

«Bolmanda maşynyň gapysy açylyp ýapylanda duýardym. Hakykatdanam meň akylyma bir zada boldy.Töweregem birhili çolaran, üýtgän ýaly. Ýa dogurdanam bu jynmyka ýa perişdemikä?!»

– Heý, meň jyna meňzeýän ýerim barmy?!

Nätanyş seçelenip, çala tolkun atyp duran saçlaryny barmaklary bilen daraklady:

– Men perişde-de däl.

Nätanyşyň her hereketini sypdyrman synlaýan Myrat öz ýanyndan ony bir ýerde görenine meňzetdi. Birdenem arada bile oturşan bir şahyry ýadyna düşdi. Ýazyjy-şahyr, edebiýatçylar bilen kän oturyşyp görmese-de, ýakynda bir toýda olara duş gelipdi. Bu nätanyşam şolaryň içinden bir şahyra gaty meňzeşdi. Onuň şeýle mähirli gözleri bardy. Joşgun bilen goşgy okap,

soňundanam saçlaryny edil şu nätanyşyňky ýaly daraklaýardy. Nätanyşyň biraz eňegini ýokarrak tutup, gözlerini çala süzgekledip, uzaklara seredişi hem şol şahyry ýatladýardy.
Myrat: – Sen şahyrmy? – diýenini duýman galdy. Nätanyş Myradyň özüni şahyra meňzetmegine begendi.

– Bilmedim. Goşga goşamok. Ýöne şahyrlary gowy görýän, çyn şahyrlary. Dogurdanam men şahyra meňzeýänmi?

– B-b-birine meňzetdim-de...

Myrat ýene özüne zor salyp ýylgyrmaga çalyşdy.

– Aý, ýaňy gaty gorkdum-da... Siz ýolagçysyňyz. Sizi ni-ni-nirä äkitmeli?

– Men seň ýanyňa geldim. Men gorky.

Myrady tok uran ýaly boldy. Sakawlamasynyň dagy nähili aýrylanynam bilmedi:

– O nämäň gorkusy?

Nätanyş yhlas bilen, ellerini hereketlendirip, Myrada aýdanlaryny düşündirmäge başlady. Onuň buýra saçlary seçelenip ýüzüne düşüp gitdi. Ol ýene saçlaryny arkan daraklady:

– Ýaňy sen gorkduň-a. Menem geldim. Tormoza basdyrdym, ruluňy saga towlatdym.

Myrat bu bolýan zatlary akylyna sygdyryp bilenokdy. Onuň bu başyndan geçýänler düýş diýse düýş däldi, hyýal diýse hyýal däldi. Hakykata-ha asla-da meňzemeýärdi. Ol maşynynda ätiýaç üçin göterýän suwundan owurtlady.

Myrat «Öz-özümi aldaýyn, kim bilýär ýalanym oňa siňdirýän yhlasymdan utanyp çyna öwrüläýse» diýýän ýaly ýasama ýylgyrdy. Ol indi ýanyna geleniň adaty ynsan däldigine düşündi. Onuň jyndygyna doly ynanan Myrat şonda-da özüne zor salyp:

– Gowsy, nirä äkitmelidigiňi aýt, men mugt äkideýin. Meň öňki gorkanym azmy, sen bir gorky diýip, zat diýip meni gorkuzma – diýdi.

Hernä indi ol sakawlanokdy. Gorkynyň bolsa, özüni tanadyp bilmeýändigine jany ýanýardy. Nädip tanatjagynam bilmeýärdi. Häzir näçe düşündirjek bolsa-da, Myradyň özüne düşünmejegi belli.

– Sen hökman meň ýanyma geläýmeli däl-ä, başga-da adam kän-ä. Başga birini tapaýsana...
– Nätdiň-aý. Men saňa nädip düşündirsemkäm?..
– Ýok, hiç zat düşündirjek bolma. Adresiňi aýt. Özüm taparyn. Men şähere belet. Gara çynym, seň bir köpügiňem gerek däl. Goý, başymyň sadakasy bolsun, bir beladan sag-aman sowuldym. Sendenem Allaň özi sowsun...

Myradyň bolşuna Gorkynyň nebsi agyrdy. Dogrusy, ol özüni kabul etdirmegiň kyn boljagyny onuň ýanyna gelmänkä-de bilýärdi.

3.

Bir gezek Gorkyň mergi keseli bilen ýoly gabat gelipdi. Şonda Gorky mergiden:

«Bu obadan näçe adamyň janyny aljak?» diýip sorapdy. Mergi keselem: «Üçden birini» diýip jogap beripdi.

Soň obadan çykanlarynda ikisi ýene duşuşdylar. Şonda Gorky nägilelik bilen:

«Sen obaň ilatynyň üçden biriniň janyny aljak diýdiň welin, ýarsyndan köpüsi gyryldy-la?» diýen-de, mergi: «Galany keselden däl gorkudan öldi, olary sen öldürdiň» diýipdi...

4.

Ondan bäri gör, näçe ýyl geçdi, nije nesiller çalyşdy. Adamlaryň ylymy ösdi. Olar mergini ýeňdiler. Emma Gorka gezek gelende welin, şol bir boluşlary.

Gorky başardygyndan Myrada özüniň ýamanlygynyň ýokdugyny görkezmäge çalyşýardy.

– Hany sürsene maşynyňy. Öňem çagalaň aşyk oýnaýşyna seredip ýarym günüňi geçirdiň.

Gorkynyň bu diýenem ters düşdi. Edil Myradyň duýdansyz peýda bolan nätanyşdan gorkmajak boldugyça, beter gorkuşy ýaly, Gorkam gorkuzmajak bolup ony hasam beter gorkuzdy.

«Bu meň aşyk oýnaýan çagalaň ýanynda duranymy nireden bilýärkä? Ýa öňden yzarlap ýörmükä? Öz-ä bir gören ýüzüm, nirede gördümkäm?!»

Myradyň diline gelýän diňe şo bir sowaldy:

– Arwah-jyn bolmasaň, onda sen kim?

Gorky Myradyň ünsüni sowmak isledi:

– Howaň gowudygyny. Bu ýyl gyşam bolmady. Bahym agaçlar güllejek.

Myrat ýetişip bildiginden pikir edýärdi:

«Göräýmäge muň erbet niýetem ýok ýaly. Göwresem ejiz. Näme bolsa şo bolsun, gel, şuň üstüne dyzabam bir göreýin. Gorkmaýanymy bilse, belki özi gorkar. Ynsandan arwah-jyn, bar mahluk gorkarmyşyn-a... Onsoňam maşyn meň-kä. Bu näme eýemsirän bolup otyr. Görseň, pulsuz entäp ýöreniň biridir. Arwaham däldir, jynam. Jynda-da beýle mähirli göz bolarmy?! Men gorkyma oň nädip maşynyma münenini duýan däldirin. Gorkana goşa görner diýilýär-ä. Men gorkyma ýok zatlar pikir edýän. Adam jyndan gorkuşy ýaly Alladanam gorkaýsa... Men şu gorkaklygymy haçan ýeňerkäm?!»

Myrat haýdap maşyndan düşdi-de, Gorkynyň oturan tarapyndan gelip, maşynyň gapysyny açdy:

– Näme hojaýynsyran bolup otyrsyň? Düş maşyndan. Arwaham bolsaň, jynam bolsaň düş. Sylagyň ýetdi, hezzet ýokmaz. Tapdyň oýun edişjek wagtyňy. Ýanyňda puluň ýok bolsa, maşyna münüp nätjekdiň, git pyýada gez...

Gorkynyň gorkýan zadam şudy. Ol kowulan ýagdaýynda bialaç galýardy. Gorky Myradyň gözüne birhili ereýän ýaly göründi.

– Bolýa, git diýseň giderin. Ýöne ýaňky beladanam seni goran mendim. Men gitsem seni indiki belalardan kim gorar?!

5.

Gorky öňem «Git, gaýdyp meň ýanyma gelme» sözüni eşidipdi. Şonda ol baýryň depesine çykyp, aşakda görünýän şäheri synlap oturşyna, gözýaşlaryny saklap bilmän aglapdy. Onuň gözýaýndan baýry ak ümür büräp, şähere ownuklap ýagyş ýagydy. Şäher jaýlary üçeklerini saýawan edinip, ýagyşdan goranýardylar. Gyş gününiň sowuk ýagyşy juda uzak ýagypdy. Şonda saýawanly saýawanynyň aşagyndan, öýünden çykyp bilmän oturan penjireden daşaryny synlap, düşnüksiz oýa batypdy. Her kim bu agyr hallaryny howa bilen, ýagyş bilen düşündiripdi. Hiç kim oňa Gorkynyň gözýaşydyr öýtmändi.

Şol gezek ony kowan ýaş ýetginjekdi.

Etginjek mekdebi tamamlap, başga okuwa-da girip bilmän, indi esli gün bäri, öýde köw-söw edip ýördi. Ne eje, ne-de kaka oňa belli bir zat diýýärdi. Kakasy käwagt irden çaýyň başynda: – Senem bir işe-daga girseň...– diýen bolýardy. Ejesem: – Özüň gowja işe salaýmal-a – diýip jogap berýärdi welin, işli gürrüňem gutarýardy.

Bir gün olaryň öýlerine şäherde söwda işini edýän daýysy geldi. Daýysynyň özünden hoşal gopbam ýylgyrşyny, ejesine sowalga diýip pul berşini ýetginjek halamandy. Ejesi welin, – Jigim jan, şuny bir adam et – diýip onuň daşynda kebelek bolupdy. Ejesi: – Ol halalhon kakadan-a, muňa zat öwredenem ýok, işe salanam. Özi işine gidip-gelip dursa, sähelçe-de aýlyk getirse boldugy – diýip kakasyny ýamanlanda daýysynyň uludan demini alan bolup: – Aýlyk akmaklaň, nalajedeýinleň haky – diýişini näçe ýigrense-de, sesini çykaryp bilmändi. Daýysynda pul kändi. Bir gezekde jübsünden çykarany, belki, kakasynyň bir aýlygyça bardy. Ýetgenjek şol pullara, onuň münýän maşynyna gözigidijilik bilen seredipdi.

– Ertir bazara gel. Şol gök satýanlaň ýanynda dursaň, özüm seni taparyn...

Ertesi ýetginjek gök bazaryna geldi. Ejesiniň «Dogumlyja bolgun, erniň suwuny akdyryp durmagyn. Daýyň näme et diýse etgin» diýeni töweregine garanjaklap duran ýetginjegiň

gulagyndan gidenokdy, gözleri bolsa, daýysynyň üýtgeşik maşynyny gözleýärdi. Daýysy ony uzak garaşdyrmady. Ýetginjegiň salamyny göwünli-göwünsiz aldy. Pully pyýada onuň özüne artykmaç ýükdügini gizlejegem bolmaýardy. Gaýta muny oglana bildirmekden lezzet alýan ýalydy. Ýetginjek şol pursatlar, hamala, özi däl-de, kakasy äsgerilmeýän ýaly duýgyny başyndan geçirýärdi. Emma şonda-da, geleni üçin çydamaly bolýardy. Daýysy ony yzyna tirkäp, balyk söwdasyny edýänleriň ýanyna alyp bardy. Balyk dükanyndan haplap uran ysa oglanyň hasam ýüzi çytyldy. Ol içinden: «Iş diýip... In-ä, bahym gulluga gitmeli ahyryn» diýse-de, ýene öz-özüne garşy gidip: «Aý, gowja düşse, özüme eşik alynaryn» diýip öz-özüni köşeşdirýärdi. Balyk satýanlar onuň daýysyny görenlerinden edip oturan gürrüňlerini goýup, söm-saýak boldular. Ol näme diýse «Bolar, agamdan» başga ýeke sözem aýtmadylar. Daýsy ýegenini olara tabşyrdy. Soňam ýetginjege göwniýetmezçilik bilen seredip: «Ýöne, ýüň sakgal edäýmegin» diýdi. Ýetginjek ululara öýkünip: «Bolýar, agam» diýjegem bolsa, dili diýenini etmedi. Daýysynyň welin, ýegeniniň ýüreginde gopýan harasatlar azaryna-da däldi. Daýysy üçin edil uçup ýören çybynam bir ýegenem bir ýalydy. Ol epeý-epeý ýöräp dükandan çykyp gitdi, dükançylaram tä ol gidýänçä «lepbeý» diýşip, gol gowşuryp durdular. Gidensoňam ýene öňki boluşlaryna dolanyp geldiler. Olaryň boluşlaryny üýtgedişleri edil o jaýdan o jaýa geçen ýalydy. Dükançylaryň bu häsiýeti onuň oglan göwnünde näçe ýigrenç döretse-de, daýysynyň jübsünden çykan pullar gelip, onuň bu duýgularyny süpürip aýyrýardy. Ýöne, haýran galaýmaly, puluň süpüren ýeri arassalanman gaýta, şondan soň ýetginjegiň dünýesi boşap, ýerine biparhlyk gelýärdi.

Satyjylardan uluragy, ýogsa olaryň hemmesem 20 bilen 25 aralygyndaky pyýadalardy, ýetginjege göwniýetmezilik bilen seredip:

– Ýaman gaharjaň görünýäň welin, alyjylar bilen gygyryşaýmagyn. Agzyňdan: «Bolar, agamdan» başga söz çykmasyn. Kem çekýäň diýip, haýýarlyk edene bir balyk, iki balyk artyk ataýgyn. Bize sesini çykarmaýanlardan galýanam ýeterlik bor. Bir zat bolsa, biz ýanyňdadyrys. Hany, gel, tereziň başyna geç – diýdi. Ýetginjek satyjylara ýene bir gezek bakanda olar bilen satylmaly öli balyklaryň arasynda meňzeşlik duýdy. Olar edil balyklar ýaly sowukdylar. Endamlaryna-da balyk ysy ornap giden ýalydy. Belki, duýgularam şu balyklar ýaly doňup gidendir.

Oňa çenlem alyjylar üýşüp ugrady. Tereziniň kem çekýäni göz-görteledi. Muny alyjylaram bilmän duranokdylar. Ýöne olar has beterinden çekinýän ýaly, muňa-da kaýyldylar. Her kim balyk aldygy dukandan bahymrak çykmaga howlugýardy.

Etginjek ilkinji müşderisi üçin balyk çekmäge durdy. Şol wagt hem onuň ýanyna Gorky geldi.

– Sen haramdan gorkaňokmy?

Etginjek bu sese tisginip, dikeldi. Töwereginde özüne ýüzlenip duran hiç kim ýokdy. Beýleräkde satyjylaryň uluragy ony synlap durdy. Ondanam beýle sözüň çykmajagy belli.

Etginjek ýene elini sowuk balyklara uzatdy. Eliňe selofan paketden ellik geýseňem, balyklaryň sowugyndan, burnuňa urýan ýakymsyz ysdan goranyp bolanokdy. Ýene-de nätanyş ses ýanynda ýaly eşdildi:

– Meň saňa nebsim agyrýar. Seň zannyň harama garşy ahyryn. Näme üçin bet işe batyrlyk edýäň?!

Etginjek ýüreginiň gürsüldäp urýanyny duýdy. Oňa çenli hem beýle-de synlap duran satyjy geldi-de:

– Hany, aýryl, näme çörek iýmedik ýaly saňňyldap dursuň. Seret meň işleýşime – diýip ýetginjegi beýläk itdi. Oglan gyra çekildi. Bir salym ezber satyjynyň balyklary terezä goýup-goýman: «pylança manat» diýip, çalasyn işleýşini synlady. Soňam daşaryk çykdy.

– Men seň haram işi etmejegiňi bilýärdim.

Etginjegiň ýanyndaky mylaýym ýylgyryp duran bize öňden tanyş Gorkydy.

– Sen kim?

Bu sowal Gorka kän berlen bolmaga çemeli. Ol säginmän: – Seň dostuň – diýdi. Ýetginjek sowuk beton sekä özüni goýberdi:

– Milisemi?

Gorky oglanyň egnine elini goýup, ýanynda oturdy.

– Ýok, men sendäki iň gowy duýgularyň biri – Gorky. Sen arkaýyn bol, meni senden başga görýän ýok. Edýän gürrüňimizem hiç kim eşidýän däldir.

Etginjek Gorkynyň aýdanlaryndan hiç zada düşünmedi. Ýöne bu nätanyşyň özüne zyýanynyň ýokdugyna welin, derrew akyl ýetirdi.

– Düşünmedim. Nämäň gorkusy. Saňa näme gerek?

Gorkynyň keýpi kökdi. Ol bu gün uly iş bitiripdi. Ol ýetginjegiň saçlaryny bulaşdyrdy, ony gujaklady, öňünde pyrlanyp tans edibeeresi geldi.

– Sen sada hem gowy oglan. Inşallah, gowy adam bolup ýetişersiň. Belki, saňa ýaşamak kyn düşer. Ol çekjek kynçylyklaryňam seň peýdaňa bolar. Ýöne sen ony soň bilersiň. Bar, daýyň ýanyna git, «Söwdany halamok» diý-de, taşla bu pişäni.

Daýysynyň ady tutulandan ýetginjegiň ýüzi üýtgäp gitdi. Onuň göz öňüne daýysynyň jübsünden çykaran pullary geldi.

– Ýok.

– Näme üçin ýok?

Indi Gorkynyň berýän sowallary ýöntem eşdildi.

– Il-ä oň ýaly daýy tapanok. Bu dükana işe giräýmek, näme, aňsatdyr öýdýäňmi?!

Bu sözler onuň ejesiniň sözleridi. Ol düýn çekinibräge-de: «Aý, işde näme bar-aý?!» diýende, ejesi şu sözleri aýdypdy. Ýetginjegem oňa jogap tapmandy. Ejesiniň soňky aýdanlaryna-da garşy gidip bilmändi.

– Utanaňokmy, öýde eplenip ýatmaga. Kakaň sähelçe aýlygy nämä ýetýär? Öz deň-duşlaň geýýän eşigini gör. Öz eşikleriňe seret. Seň olardan nämäň kem, işle, gazan, geýin.

Gorky başyny aşak sallady. Ýetginjek bolsa, sorag yzyna sorag ýagdyrýardy. Onuň her soragy Gorka tüpeňiň oky bolup degýärdi.

– Haçana çenli biziň içerimiz ýeter-ýetmez ýaşamaly? Öz deň-duşlarym gymmat eşikler geýýärkä, men olara «Geň görmäň, kakamyň aýlygy az» diýeýinmi? Meň deň-duşlarymdan nämäm kem? Sen dostumam bolsaň, perişde-de bolsaň, ýüregimiň jümmüşindäki arassa duýgymam bolsaň git. Git gözüme görünme...

Ýetginjek silkinip ýerinden turdy-da, balyk dükanyna girip gitdi. Gelşine-de haýdap balyk çekip duran satyjyny itip, ýerine geçdi. Ýüzüni galdyrman balyk çekmäge başlady. Her gezek çekip bolandan soň «pylança manat» diýýän oglanyň gözleri doň balyklardanam sowukdy, manysyzdy. Ol Gorkynyň gapdalynda aglap, özüne seredip duranyny görenokdy, görmegem islänokdy.

Gorky dükandan çykdy. Daşarda ýagyş ýagýardy.

– Meni ýüregine kir ýokuşmadyk ýetginjegem kowansoň, nirä gitmeli?! Men kazinolara, restoranlara... baramok ahyryn. Ýaňy murty taban ýigidekçäň ýüregine bardym. Allahym, meni bagyşla, men hatda oň ýüreginde-de ýerleşmegi başarmadym. Men kowuldym. Men ýeňildim. Indi ol ýetginjegiň haly niçik bolar?!

Ýagyş gitdigiçe güýjeýärdi. Şemallap ýagýardy. Sowuk damjalar köçeden barýan adamlaryň ýüzüne urulýardy. Olar ýüzlerini çytýardylar. Ýetginjek bolsa, gitdigiçe çalasyn işleýärdi...

6.

Gorky ýuwaş-ýuwaşdan şemala galgaýan ýaly galgap ugrady. Ol ýerden üzüldi-de Myratdan daşlaşyp başlady. Myradyň tutuş süňňi Gorkynyň soňky sözlerini gaýtalaýardy: «Indiki belalardan seni kim gorar?» Myrat hopugyp «Dur!» diýip gygyrdy.

Myrat özüniň boşluk meýdanda duranyny gördi. Töwerek ýalaňaç. Ne şäher bar, ne adamlar. Myrat özüniňem baryny-ýoguny anyk bilip bilenokdy. Hat-da özüniň bardygyny subut etjek zadam ýokdy. Bar zady Gorky ýany bilen alyp gidip barýardy. Myrat bogazyna sygdygyndan «Dur! Gitme!» diýip, yzyny üzmän gygyrýardy hem çar tarapa ylgaýardy. Onuň

pelesaň kakmasy-da manysyzdy. Çünki töwerekde tarap diýere tarabam ýokdy. Ne ileri bildirýärdi, ne gaýra. Ne aşak bardy, ne ýokary. Töwerek boşlukdy.

Myrat uzakdan Gorkyň gidip barýanyny gördi. Yzyndan ylgap ýetdi. Elinden ýapyşdy: «Dur!» Gorky bir duran ýaly etdi-de, ýene ýitdi. Gorkynyň eli Myradyň elinden suw akan ýaly akyp gitdi. Myrat bu bolýan zatlara akyl ýetirmese-de, nätanyşy ýitirmekden gorkýardy. Gorky hamala onuň ýüreginiň iň gymmatly damaryny soguryp, ýany bilen alyp gidip barýan ýalydy. Myrat içinden «Ol perişdedir, perişdedir. Maňa kömek etmäge gelendir» diýip pyşyrdaýardy. Töwerek sowugam bolsa, ol özüniň gara dere batyp derleýändigini duýdy. Bu ýerler Myradyň owal gelip gören ýerleri däldi. Beýle boşlugy ol asla ömründe bir gezegem görmändi. Hernä, Hudaýa şükür, howa bar, aýagy ýere direýär, derleýär, sowugy duýýar.

Myrat:

– Bu zatlar düýşüm bolsady, oýansadym. Bary birden gutarsady – diýip arzuw etdi. Düýş nirden, bar zat hakykatdanam hakykatdy.

Gorky beýleräkden ýene göründi. Myrat oňa tarap ylgady. Gorky bir görnüp, bir ýitip, hamala, Myrada dil bilen düşündirip bolmaýan bir zady düşündirjek bolýan ýalydy. Gorkynyň görnüp, soň ýitip gitmegi, Myradyň bolsa elini serip, çar ýana ylgaýşy klassyk sazlaryny ýatladýardy. Haýsydyr bir meşhur pianinoçy dünýä belli kompozitoryň sazyny çalýana meňzeýärdi. Ullakan konsert zaly owazlardan doludy. Sahna, oturgyçlar, saz diňleýän adamlar baram bolsa ýok ýalydy. Diňe bir beýgelip bir peselýän, bir ýitip, bir döreýän, zalyň diwarlaryndan daşaryk çykyp bilmeýän ýaly ondan-oňa urunýan owazlar bardy. Olaryň döredýän duýgularyny dil bilen düşündirip bolmaýşy ýaly, Gorky bilen ynsanyň bu ýalaňaç zeminde ondan oňa urunşyny-da, bu urunmanyň manysyny-da dil bilen anyk düşündirmek mümkin däldi.

– Sen hakykatdanam meň halasgärimmi?

– Hawa.

– Sen meni belalardan goraýan perişdemi?

– Ýok.

– Onda sen kim?

– Men Gorky. Her bir ynsanyň ýüreginde ýerleşýän Gorky.

– Sen halasgär bolsaň, onda näme üçin seni hiç kim halanok? Ýagyş damjyklaýar. Sen aglaýaňmy? Meni bagyşla.

Gorky ýene ýitip ugrady. Myrat onuň yzyndan ylgap barşyna gygyrýardy:

– Dursana, yzyňda ylgap ýadadym. Bu boşluk, bulam-bujarlyk seniň ýoklugyňdanmy? Dur, düşündirsene.

Gorky durdy. Myrat sojap gürleýärdi:

– Men seni öňem bir görüpdim. Ýöne haçan nirede görenimi ýatlap bilemok.

Gorkyň goşaryndan ýapyşyp, ony sypdyrmajak bolup duran Myrat birden özüniň maşynynyň içinde oturanyny duýdy. Ýaňky boşluk zym-zyýat bolupdy. Haýran galaýmaly, indi bu öwrülşik Myrady geň galdyrmady. Ol indi bu bolýan zatlara kanuny zat ýaly gördi. Gorkam onuň ýanyndady.

– Ýadyňa düşýärmi, obaň ilersinde, baýyrda goýun bakýardyň. Şol ýylam şu ýylky ýaly gyş beýle sowuk bolmandy. Ýaz ir düşüpdi. Töwerek göm-gökdi. Siz aşyk oýnaýardyňyz. Gurruk guýyň başynda-da men birinji gezek saňa görnüpdim. Men seni halas edipdim.

Myrat şol gurruk guýyny, şol ir gelen ýazy ýatlamazdy. Başarsa ony unutmaga çalyşardy. Emma häzir welin, ol özüne buýrup bilmedi.

7.

Töwerek şeýle ajaýypdy. Ir gelen ýazyň howasy tenekar ýalydy. Goýunlar duran ýerinde doýup durdular. Häzir bu gözel görnüşi synlap, «Ýene iki-üç aýdan jöwzaly tomus geler. Bu baýryň ýüzi saralyp galar» diýseň ynanar ýaly däldi. On-onki ýaşlaryndaky Myrat dagynyň-a kellesine beýle pikirler asla-da gelenokdy. Olar üçin düýnem ýokdy, ertirem. Olar diňe şu günleri, şu pursatlary bilen ýaşaýardylar. Isle tomus bolsun, isle-de ýaz – ullakan parhy ýok. Olar

tomusyňam, gyşyňam, ýazyňam, güýzüňem gözelligini görüp, ondan lezzet alyp ýaşap bilýän ýaşdadylar.

Häzirem olaryň bar aladalary aşyklarydy. Aralarynda iň ekabyry Mommak bilen Myrat ikisi ýoldaşlaryny utupdylar. Indi oýun diňe ikisiniň arasynda barýardy. Myrat çepiksirägem bolsa, aşyga ökdedi. Ol Mommagy utýardy. Muňa Mommak näderini bilenokdy. Sähel bahana tapsa yrsarajakdy welin, bahana-da tapanokdy. Oglanlaram Myradyň arkasyny alýardylar.

Mommagyň kenegi gurruk guýynyň gyrasyna gelip durdy. Myrat ykjam çenenip kenegini atdy. Myradyň kenegi zarp bilen gelip Mommagyň kenegine degdi. Kenek gurruk guýynyň düýbüne zyňylyp gitdi. Myradyň kenegem daşynda galdy. Ine, saňa bahana. Mommak Myradyň ezenegine ýapyşdy.

– Çykar kenegi. Ýogsa-da ähli aşyklaryňy berersiň.

Bu gurruklar baýyrda kändi. Olar gadym käriziň gömülen guýularydy. Öň tutuş oba şol käriziň suwundan içip, ekin ekip, güzeran görer eken. Soň käriz arassalanmansoň, gözbaşam, guýularam gömülýär. Üstesine-de ýaşulular: «37-nji ýylda bolşewikler obaň adamlaryny atanlarynda şol gurruklaryň agzynda atyp, maslygy gurruga togalap goýberer ekenler» diýip, o ýere barmaz ýaly edipdiler. Oýna gyzmadyk bolsalar, ol-a kenegi çykarmak eken, oglanlar gurruklaryň ýakynyna-da barmaga gorkardylar.

Emma Mommak Myrady goýbererli däldi. Ol ony gurruga tarap çekýärdi. Kenek guýularyň iň çuňy, «Eýeli gurruk» diýilýäne gaçypdy. Bu gurrugyň çuňlugy 5-6 metr bardy. Ahyry Myrat Mommagyň güýçli ellerinden sypdy-da aşyklarynam taşlap gaçdy. Onuň gaçyşyna oglanlaryňam göhi geldi. Olar bogazlaryna sygdygyndan «Gorkak! Gorkak!» diýip gygyrýardylar. Myrat şol gaçyp barşyna bir daşa büdredi-de, ýere ýazyldy. Onuň gözlerinden ýaş paýrap gitdi. Ol ýykylanynyň awusyna aglaýarmy, ýa-da gorkak adyny alanyna namys edip aglaýarmy seljerer ýaly däldi. Ýöne ol şondan soň üýtgedi. Öňki alçak, degişgen Myratdan nam-nyşan galmady. Ol bir hili ulalan ýaly boldy. Myrat öz çagalygy bilen gorkak adyny alyp hoşlaşypdy.

Ýogsa, Myrat bir-iki gün soň, ýeke özi «Ölsemem şo guýa girerin» diýip, «Eýeli gurruga» barybam görüpdi. Günortan wagtydy. Her kim goýunyny sürüp gaýdypdy. Myradam goýunlaryny ýatagyna getirip, ýamaşgan yzyna gelipdi. Töwerek çolady. Myrat ýuwaş-ýuwaşdan süýşüp gurruk guýynyň agzyna ýakyn geldi. Gurrugyň agzy garalyp, düýbi aşakdan çala görünýärdi.

Gurruk guýynyň gyrasynda oturan ýaşajyk Myrat jadylanan ýaly garaňky agyzdan gözlerini aýyryp bilmeýärdi. Onuň häzir «gorkak» ady bilen ýaşanyndan özüne «batyr eken» diýdirip, ölesi gelýärdi. Hat-da ejesiniň özüniň jesediniň baş ujunda aglaýşyna çenli göz öňüne getirýärdi. Näme üçindir ejesiniň bu aglaýyşy oňa ýaraýardy. Deň-duşlaram, hatda Mommaga çenli: «O, batyr ekeni. Biziň hemmämzdenem batyr ekeni» diýişýärdiler. Ýöne atasy welin, onuň bu edenini halajak däldi. Atasynyň närazylygy az-kem saklasa-da, Myrat gurruga seretdigiçe erkini aldyryp barýardy. Onuň ýaşajyk maňlaýynda, burnunyň üstünde owunjak der damjalary bulduraýardy. Myrat çalajadan gurruga tarap süýşýärdi. «Eýeli gurruk» ony ýuwaş-ýuwaşdan özüne sorup barýana meňzeýärdi. Ejesi, garry atasy yzynda, ellerini serip, ony saklajak bolýan ýalydylar. Emma olaryň edip bilýän zady ýokdy. Gurrugyň garaňky agzy gitdigiçe ýakynlaşýardy.

Şol wagt Myrat birden başyny galdyrdy. Guýynyň garşy tarapynda bir nätanyş oňa owadan ýylgyryp, seredip durdy. Duýdansyz peýda bolan bu adama Myrat eýedir öýtdi. Derrew götünjekledi. Soňam yzyna garaman gaçdy...

Myrat batyr bolup ölmeg-ä beýle-de dursun, özüniň hakykatdananam gorkakdygyny öz-özüne subut edipdi. Şol wakadan soň, ol bir hepdeläp başyny ýassykdan galdyrman, basyrganyp ýatdy. Guýynyň garşysynda gören adamsy, 37-nji ýylda atylan adamlar, jesedi gurruga tarap depýän Gyzyl komandiriň ýalpyldawuk ädigi köp wagtlap Myradyň düýşüne girdi. Düýşünde köp gezek gurruga ýykylyp, hopugyp oýandy. Garry atasy bilen ejesi gije-gündiz onuň başujyndan aýrylmady. Oňa «Eýe görüpdir» diýip doga-tumar aldylar. Myrat o dogany gaty köp ýyllap boýnundan aýyrman gezdi...

Şondan soň, Myradyň ýigreneni gorkaklyk, gorkak oglanlar boldy. Edil şoň ýalam batyr oglanlary gowy gördi. Bilgeşleýin yrsarap Mommak bilenem uruşdy. Uruldy. Ýene uruşdy. Ýene uruldy. Mommak onuň deňi däldi. Güýçlidi. Myrat welin, onda-da uruşýardy. Soňa-baka Mommak ondan gaçyp ugrady. Indi hiç kim Myrada «gorkak» diýip bilenokdy, emma özi welin, gorkakdygyny bilýärdi. Ol «gurruk guýudan» gorkýardy. Myrat ulaldygyça, onuň «gurruk guýusam» ulalýardy.

8.

Myrat hyrsyz nazaryny Gorka dikdi:

– Şonda meni gurruga girdirmedik senmidiň?

– Hawa, mendim. Şol wagt men seni halas etmesem, başga halas etjek barmydy?!

Gorkynyň bu parahat sesi Myradyň ýarasyna duz sepilen ýaly etdi.

– Belki, sen meni halas eden dälsiň-de, gaýta öldürensiň?!

Myrat özüniň dagyň depesinde oturanyny gördi. Ýanynda-da Gorky dyzyny gujaklap otyr. Gorkynyň arryklygy Myradyň gözüne ildi. Onuň owadan barmaklary hor goşarynyň daşyna aýlanyp durdy. Gorky diýlen bir gorkunç bolaýjak ýaly welin, ol gülüň ýapragy ýaly näzik görünýärdi.

– Näme üçin maňa sag bol aýtmalykaň, gaýta, meni günäkärleýäň?

Gorky elini Myradyň egnine goýdy:

– Men seni gowy görýän. Sebäbi sen maňa şol gurrukdan bäri düşünjek bolduň. Arzygül üçinem men günäkär däl...

Gorkynyň Arzygüliň adyny tutmagy birden Myradyň gaharyny getirdi. Arzygül onuň üçin gadagan temady. Myrady ýigrenç duýgusy gaplady...

9.

O gyzyň ady Arzygüldi. Myradyň Arzysydy...

Şol ýyl Myrat dagy onýyllyk mekdebiň gutardyş ekzamenlerini tabşyrýardylar. Öňde-soňda gyz bilen işi bolmadyk ýigidekçe dostlary bilen ylgap klasdan çykypdy. Öňden çykan Myrat gapynyň daş agzynda bir gyz bilen nähili çakyşanynam duýman galdy. Gyzyň elindäki depderdir, kitaplary pytrap gitdi. Myrat adatdaky gyz gykylygyna garaşdy. O gyz welin, mylaýymlyk bilen bir zatlar diýdi. Myrat utanjyna dym-gyzyl boldy. Näme diýip, näme etjegini bilmän sömelip galan Myrat bir haýukdan özüne geldi. Egilip o gyzyň ýerde pytraşyp ýatan kitaplaryny ýygnaşdy. Myrat zordan ýüzüni galdyryp, mylaýym gyza seretdi. Hiç zat bolmadyk ýaly zatlaryny ýygnap gidip barýan, goňşy klasda okaýan Arzygüldi.

Hakykatdanam üýtgeşik bolan zat ýokdy. Hatda Myradyň ýoldaşlaram hiç zat aňmandylar. Emma Myradyň welin, dünýesi başaşak bolupdy. Onuň üçin şol pursatdan soň, pursadam gutarypdy, wagtam. Ol nirä barsa-da, näme işlese-de, şol çakyşan ýerinden aýrylyp bilmeýärdi. Myrat gaýta-gaýta şol pursady akylyndan geçirip, Arzygüliň şeýle çuň mähir, derýa ýaly giň mylaýymlyk bilen näme diýenini ýatlajak bolýardy. Ýöne näçe jan etse-de, ýatlap bilmeýärdi. Arzygülüň ýerine ençeme jümleler gurup görýärdi, emma olaryň biri suwjuk eşdilse, beýleksi gödek bolup çykýardy.

Arzygül bir göreňde akylyňy ýitiräýer ýaly beýle bir owadan gyzam däldi. Iň haýran galdyrýan ýerem Myrat üçin owadan bolsun, bolmasyn gyz diýlen milletiň bary-ýogunyň deňdigidi. Ýogsa, Arzygülden kän owadan gyzlar Myrada hat ýazypdylar. Myrat o hatlary okaman diýen ýaly ýyrtyp goýbärdi. Näme üçin beýle doň ýürek bolandygyna onuň özem düşünmeýärdi. Gurruk guýudan, atasy elinde jan berenden soň, Myradyň iň halamaýan häsiýeti gorkaklyk, ýaranjaňlyk, suwjuklyk boldy. Belki ol bu hat gatnaşyklarynda nähilidir bir ýuwanlyk görendir. Muny düşündirmek kyn. Ýöne bu-da bir pelegiň oýny, durmuşyň synagymy kim bilýär. Gyzlara hat ýazmaga beýlede dursun, ýazýanlaram halamaýan Myradyň özi şol çakyşmadan üç gün geçenden soň Arzygüle hat ýazdy. Dogrusy, ýazman bilmedi. Ol indi üç gündür, ne idili ýatýardy, ne-de, iýip-içýärdi.

Myrat haty nähili ýazanyny bilmese-de, ony Arzygüle gowşurmaly bolanda, ýüregine gorky geldi. Oglan haty bermeg-ä beýlede dursun, o gyza hat uzadyp durşyny gözöňüne-de getirip bilmeýärdi. Ahyry ol ýagdaýyny dostlaryna aýtdy. Içlerinde şu işe «ökde» birine hatyny gowşuryp berseň diýdi. Ýöne ol hem ör-gökden gelip: «Özüň ýazypsyň, özüňem ber» diýip etmedi. Hiç kimiň äkidip bermejegine göz ýetiren Myrat hatyny birden ýyrtym-ýyrtym etdi.

Ýyrtylan hat bilen Myradyň ýüregem birden köşeşdi. Günler geçiberdi. Ekzamenlerem tabşyryldy. Okuwa giren okuwa girdi, girip bilmedik işe durdy. Soňam gulluk. Orsýetiň sowuk ülkeleriniň birinde gulluk edip ýörkä-de, Myrada dostlarynyň birinden Arzygülüň durmuşa çykandygyny habar berýän hat geldi. Ýigit çykan Myradyň gözlerine birinji gezek ýaş geldi. Gözünden daman ýekeje damja dyzyňa ýetip duran galyň gara, seçme çümen ýaly çümüp gitdi. Ol gözýaş gar bilen birlikde Myradyň ýüreginiň jümmüşine-de çümüp giden ýaly boldy.

Ol Arzysyny birwagt ýadyndan çykarandyryn öýdüp ýördi. Ýekeje damja galan eken. Ýürekden çykyp ýene ýürege çümen o damja Myradyň bütin ömrüne daşy kesmeklän ýara bolup galdy. Ýyl geçdi. Gulluk gutardy, öýlendi, şofer boldy. Bir günem...

Bir günem Myrat ýol ugrunda Arzygüle duşdy. Myrat sesini çykaryp bilmän otursa-da, Arzygül saklanyp bilmedi. Çykyp baran ýerinde hor ýaşaýandygyny, adamsynyň arakdan-tirýekden gaýtmaýandygyny aýdyp aglady.

– Ýat ýere gitdim. Siziň biriňiz adam iberäýmelidiňiz ahyryn – diýdi.

Myrat Arzysyna hiç zat diýip bilmedi. Ýyrtan haty onuň göz öňüne gelip, Arzygülüň agysyndanam beter täsir edýärdi. Hamala dünýesi ýyrtym-ýyrtym bolup barýardy. Ol bar zadyň günäkäri gorkusy hasaplady. Gorkaklyk etmän hatyny eltip beräýen bolsa, Myrat soň Arzysynyň eline tiken batyrarmydy?! Arzygül öýleriniň deňinde düşüp gitdi. Ol ýüzüni ýerden galdyrman:

– Siz bagtly bolsaňyzam bolýa – diýdi. Myrat ýene dil ýaryp bilmedi. Hat ýazanynam, gorkaklyk edip bermäninem, aýtmaga dili barmady. Kemtersinden göwünlik bermegem oňarmady.

– Men gorkak, gorkak. Şonda gurruk guýa girip bilen bolsadym...

Şondan soň hiç ýerde karary ýetmedik Myrat bir hepdäň içinde obasyny taşlap, çagalary bilen şähere göçüp geldi...

10.

Gorky Myradyň gözlerinden damýan gözýaşlary sesini çykarman synlap otyrdy. Myrat mawy asmana diňkesini dikip, agy gatyşykly sesi bilen ýuwaşja gürleýärdi:

– Git. Sen menden gidip bilýän bolsaň, git. Sen adamy halas edeňok, masgara edýäň. Sen sebäpli, öz gorkaklygym sebäpli näçe gezek etmejegimi etdim, diýmejegimi diýdim. Diýäýmeli ýerinde dilimi dişläp, gaýta ýaranjaňlyk etdim. Sen sebäpli Arzygüliň bagtyny ýatyranymam maňa ýeterlik. Git!

Gorky sesini çykarman ýer çyzýardy. Töwrek ýalazy, şor meýdandy. Kä ýerde bir şemala başyny yraýan ejizje ýandak görünýärdi.

Myrat bolsa Gorkyny şol günäkärläp otyrdy:

– Sen meni kä çagalarym bilen, kä bu çüýrük dünýäň wagtlaýyn keýpi-sapasy bilen, kä ejizligim bilen ýeňdiň. Bolýa, men ýeňildim, ýöne indi bir meni günüme goý. Ol iki-üç metrlik gurruk, indi meň üçin düýpsüz gorpa öwrüldi. Git, gurrugyň gyrasynda aşyk oýnaýan indiki çagalaryň ýanyna git. Olary «halas et». «Gorkak diýseler diýibersinler, gorkak bolsam bolaýaýyn, ölmesem bolýa» diýmäni öwret.

Şu wagt seni öldürip biljegimi bilsedim öldürerdim. Ýöne ony etmekdenem gorkýan.

Gorky hamala lal açan ýalydy. Ol şor ýerde biten garyş boýy ýandagyň bir şahasyny eline alyp yhlas bilen ony ýeke-ýeke tikenlerinden saplaýardy. Myrat welin tükederli däldi:

– Ajal gelse, edil häzir geläýen däldir, inşallah, ölmerin, gutularyn diýip umyda aldanyp bolýar. Ýöne ýüregiňe gorky geleňde welin, gaçara, aldanara ýagdaý galanok. Sen geleňde asman zemine, zemin asmana öwrülýär, bar zat başaşak bolýar. Sen ynsany maýmyn kimin oýnadyp, ýylan kimin süýrendirýäň, ant içdirip, awy ýaladýaň.

Gorkynyň jogap bermän oturşy Myratda «Ol edenleri üçin ötünç soramaga gelen bolaýmasyn?!» diýen pikiri döretdi. «Şunuň bilen dagam şeýdip, süýrenşip ýörüpdirin. Munuňa ýöne ýüzüne tüýkürip deňinden geçip gidibermeli ekenim...»

Myrat ahmyrly, erbet güldi:

– Gorkym sen bolsaň, özümem senden düzüwli däldirin. Seň ýüzüňe tüýkürdigim öz ýüzüme tüýkürdigim dälmi? Kim nähili bolsa, gorkusam şoň ýalydyr-da. Sen bu müýnli sypatyň, aýply ýaly seredişiň bilen meni aldamarsyň. Men seň hakykatda nähili eýmençdigiňi bäş barmagym ýaly bilýän. Sen dälmi adamlara lebzini ýuwutdyrýan, Watanyny, dostuny satdyrýan?! Öňki döwür wezipesinden boşadylaryn öýdüp, ejesiniň jynazasyna gelmedikleriň günäsi seň boýnuňa dälmi?!

Gorky sesini çykaranokdy. Myradyň gahary bolsa beter möwç alýardy:

– Ýeri nä sypatyňa ýanyma geldiň? Şo gezek gurruk guýa giren bolsam, eýderdim-beýderdim çykardym. Ýoldaşlam gidip uly adamlary çagyrardylar. Ýöne «gorkak» adyny almazdym, mydama gurrugyň içinde ýaşaýan ýaly ýaşamazdym. Men owal bu dünýede iň aýylganç zat ölümdir öýderdim...

11.

Atasy dünýeden ötende Myrat birinji gezek gölegçileriň biri bolup gonamçylyga gidipdi. Ol şonda birinji gezek uly adamlaryňamm aglaýan ekendigini görüp, haýran galypdy. Gök tabydyň üstünde göterilip barýan atasy bolmalydy. Emma, muňa Myradyň ýaş beýnisi hiç ynanyp bilmeýärdi. Atasy öz elinde jan berse-de, ynha, gonamçylykdan yzyna dolanyp barsa, öňküje düşekçesinde ýatanyny göräýjek, oňa ýene hemişekileri ýaly Magtymgulyny okap beräýjek ýalydy. Sebäp diýseň, ataly-ogul şeýle bir biri-birlerine baglanypdylar, atasy nirä gitse, Myradam bile gidäýmeli, Myrat dirimi, atasam diri bolaýmaly ýalydy. Bu bagyň ýüp üzülen ýaly birden üzülip hem biljekdigi onuň oglan akylyna sygmaýardy.

Atasyny jaýlamaga gaty köp adam gelipdi. Tutuş obaň adamlary-ha bardy welin, Myradyň ömründe görmedik adamlaram kändi. Olar: «Munça ýaşady armany ýok welin, şonda-da ölüm ajy-da» diýişýärdiler. Myrat bolsa hiç şol ajyny duýmaýardy. Atasy jan beräýende, özüne jogap bermän şalkyldap gujagyna dolanda aglany-aglany soň hiç agysy tutmandy.

Ýöne Myrady haýran eden zat atasynyň demi sogrulandan soňky ýatyşy boldy. Dirikä atasy dirilige gaty yhlaslydy. Ýaşy togsana golaýlanam bolsa, öýde bir gymyldy edilse, arasyna goşuljak bolardy. Myrat atasynyň myllaryp ýatanyny hiç görmändi. Garry atasynyň boýun damarlarynyň bu dünýä baglanan ýüpler ýaly dartylyp duruşy häzirem onuň göz öňündedi. Emma sanalgysy doldy welin, ol dartylyp duran damarlar gowşan ýaly bolaýypdy. Jan beren garrynyň şeýle rahat uzanyp ýatyşyna Myrat haýran galypdy. Ol atasyny şunuň ýaly rahatlykda hiç görmändi.

Adamlar hatary, öňünde atasyny göterip barýan tabyt öňem telim gelen ýeri bolandanmy, hiç ýana sowulman göni gonamçylyga bardy. Adamlar täze gazylan çukuryň daşyna tegelendiler. Çukuryň bir gapdalynda içki jaý garalyp görünýärdi. Belki, ýaşlygyndandyr ýa-da ilkinji gezek gelşindenmi Myradyň ýaş başy her bir görýän zadyny gyzyklanma bilen biygtyýar synlaýardy. Myrat bu dünýäni özüne dar görüp ýören atasynyň şol darajyk «jaýa» sygyşyna haýran galdy.

«Ynsan üçin mazaryň içki öýi şeýle laýyk zat eken, edil kitabyň kitap tekjelerine laýyk bolşy ýaly. Kitap hem başga nirede goýsaňam, tä şol tekjede ýerleşýänçä ýerinde däl ýaly bolar durar. Adamam şeýle eken. Ýa-da adam bu dünýede iki ýana uruna-uruna şol «jaýy» gözläp, ahyry demi sogrulanda-da ony tapyp rahatlanýarmyka?!»

Myrat bu pikirlere şol wagt geldimi ýa-da soň, ony bilmedik. Ýöne ol birnäçe ýyllap, ölüm hakynda, atasy hakynda şeýleräk oýlanyp gezdi.

...Üýşmek gum. Adamyň yhlasam şoňa ýerleşýär, tutuş ömrem. Gonamçylykdaky bu mazarlar meniň göwnüme ullakan ýüzlenme belgileri bolup görünýärler. Her ömür tamalanandan soň, diriler üçin ýüzlenme belgisine öwrülýän ýaly.

Honha atamyň mazary. Onuň mazary üç ýyly kem togsan ýaşa baran ýyllaryň baryny özünde jemläp, yzynda diri galan maňa ýüzlenme belgisi bolup ýatyr. Nokadam däl, sorag alamatam däl. Haýran galaýmaly atamyzyň adyny dakan kiçijik bäbejigimizem akja gundagda ýüzlenme belgisine meňzeýär. Gundaga dolanan «ýüzlenme belgisi» özünden öňki gaty köp ýüzlenmeleri özünde jemleýän kiçijik ýüzlenmemikä? Her bir dünýä inmek dünýeden öteniň dowamy. Eger her soňky gelen özünden öň öteniň ömrüni iň soňky ýüzlenme belgisine çenli okamasa, adamzat duran ýerinde durar. Aslynda biz bir duran ýerimizde duranlar bolmasadyk, her ýogalan ýüzlenme belgisine meňzäp ýatmazdy...

Myrat şol wagt 14-15 ýaşlaryndady. Ýurduny başgalany jaýlap, «gowy adamdy» diýilenden soň, adamlar ýene aýat okap turdular. Turulansoň her kim gonamçylykdan çykmaga howlukdy. Myradam adamlara goşulyşyp çykyp barýardy. Ol birden gaňrylyp, atasyny alyp galan mazara seretdi. Şol wagtam birzada büdredi. Myrat tas bir çaga mazarynyň üstüne ýykylypdy. Hernä doly ýere ýazylman elini ýere ýetirende ol kiçijik mazary gujaklan ýaly boldy. Şol wagt ýaňy agy-garany saýgaryp ugran ýetginjek başga bir geň duýgy bilen hem gujaklaşdy. Ol birden ölümiň bardygyna, atasynyň hem indi yzyna dolanyp gelmejegine düşündi...

12.

Aslynda Myrat ölümi 4-5 ýaşlarynda görüpdi. O wagtlar her gün irden kolhozyň mallary örä äkidilerdi. Oba adamlaram sygyrlaryny kolhoz sürüsine goşardylar.

Şol gün Myrat sygyrlaryň erbet bögürşýän seslerine oýandy. Ylgap köçä çykdy. Kolhoz sürüsindäki äpet gara öküz aýaklary bilen gum peşäp erbet bögürýärdi. Asmana galýan tozanyň aňyrsyndan çala görünýän sygyr çopanam «Näme üçin mal öldürip, damakganyny ýakaňyzok?» diýip erbet sögünýärdi hem ýabysyny debsiläp damak gana üýşen sygyrlary, mähnet öküzi kowup äkitjek bolýardy. Süriň üýşýän ýeri öten agşam goňşularynyň sygyrlaryny öldüren ýeridi. Hasam göwresi uly bolsa-da, özi ýuwaşja mähnet gara öküzi tanar ýaly däldi. Onuň toýnaklary bilen ýerden sowurýan gumy gelip ýene üstüne dökülýärdi. Bu görnüş juda eýmendirjidi. Myrat bu görnüşden hem gorkup, hem jadylanan ýaly ondan aýrylyp bilmän seredip durka, hernä, ejesi gelip ony öýe salypdy. Agtygynyň gorkanyny gören atasy:

– Sygyrlar düýnki sygyryň öldürileni üçin aglaşýarlar. Sen gorkma, oglum, olar ynha bir salymdan örä giderler – diýipdi.

Myrat şol wakadan soň esli gün gijesini basryganyp geçirdi. 4-5 ýaşlyja çaga şonda birinji gezek ölüm bilen özi akyl ýetirmän duşuşypdy. Ol şondan soň, dünýede iň gorkunç zat ölümdir öýdüpdi.

13.

Myrat dagyň kert gaýasynyň uçudynyň gyrasyna gaty golaýlandygyny duýdy. Aşak seretdigiňçe eýmendirýärdi. Emma ýokaryk, uzaklara seredeňde welin, ganatlaryňy ýaýyp uçup gidiberjek ýaly görünýärdiň. Topbak-topbak bulutlaram aýagyň aşagyndady. Bu görnüş düýşe meňzeýärdi. Gorky bir daşy alyp aşak oklady. Daş ala-zenzele edip, ýolundaky bir topar daşlary alyp aşak togarlandy. Bu sesler bolýan zatlaryň düýşden has daşdadygyny görkezýärdi.

Myrat ýüzüni asmana tutup oturdy. Dagyň çigrek şemaly ony sowuk suwa çümen ýaly edýärdi. Ol bu sowuk suwdan çaltyrak çykmak, uçudyň gyrasyndan aýrylmak isledi. Guş bolmasaň uçudyň gyrasynda işiň ýok.

– Meni uçudyň gyrasyna getirme, maňa şol köneje maşynym bolýar. Meň ganatlarymy şol gurruk guýy gyrkdy. Gowsy, sen meni günüme goý. Men indi garrapdyryn. Seň bilenem, Mommak bilenem, gurruk guýy bilenem uruşmaga indi höwesim ýok. Maňa kaýyllyk geldi. Arzygülüňem, elbet, kysmatydyr-da. Men oňa şo haty beräýenim bilenem, kim bilýär, o maňa näme jogap bererdi?!

Esli salym olar seslerini çykarman oturdylar. Dag şemalyna olaryň ýuka eşikleri pasyrdaýardy. Gorky Myradyň ak girip ugran saçlaryna elini uzatdy. Myrat onuň elini itekledi.

– Seresap bol, agaran saçlarym aýna gyýyklary ýalydyr. Birden elleriňi gyýaýmasyn. Çagalygymdaky ýumşajyk saçlardan oba göçdi.

14.

– Ýadyňa düşýärmi Muhammet şaň Çingiz handan gorkuşy?

Myrat asmana seredip ýatyşyna ajy ýylgyrdy.

– Ýadyňa düşýärmem diýýän. Muhammet şany gününe goýman ýeke gezegem gylyç syrdyrman, naýza atyşdyrman ýurduny taşladyp gaçyran sendiň ahyryn.

Myrat Horezm şasynyň öz atlylary bilen Çingiz handan, ýol tozanladyp, gaçyp baryşlaryny, edil ýanynda görüp oturan ýaly, duýgyny başyndan geçirýärdi. Jylaw çeýnäp, hokranşyp, duşman bilen jeň küýseýän atlaryň aýaklarynyň sesi onuň gulaklaryna eşdilýän ýalydy. Muhammet şa bolsa, hatda münüp oturan bedewiniň hyjuwyndanam gorkýardy. Her dem onuň göz öňüne Çingiz hanyň gylyjynyň boýnuny kesişi gelýärdi. Gijeler basyrganyp oýanyp, atyna atlanýan şa, Watanyny öz goşunyndan kän az goşunly, atlary araba goşaýmasaň başga zada ýaramajak, gözleri gyzdyrmaň deşigi ýaly çyzylan ýumruk ýalyjak Çingize taşlap gaçýardy.

Myrat dikeldi:

– Gorkaklygyň tutuş milletleriň ösüşini asyrlarça yza tesdirenini bilýärmiň? Diňe bir Muhammet şanyň we onuň töweregindäkileriň gorkaklygy sebäpli medeniýetiň iň gözel binýatlarynyň biri Mar-u Şah-u Jahan, Köneürgenç ýer bilen ýegsan bolmadymy?! Nije alymlaryň kitaplar agdaran ägirt kitaphanalary bir gysym kül bolup, şemalyň ugruna tozap gitmedimi? Muny Çingiz han däl, Muhammet şanyň gorkaklygy etdi ahyryn.

Myrat birden bogazyna sygyndan gygyrdy:

– Git, gözüme görünme!

Myradyň sesi gaýalara düşüp ýaňlandy-da, kesildi.

Haçandan bäri geplemän oturan Gorky parahat seslendi:

– Men ker däl. Sen meni nähak günäkärleýäň. Muhammet şaň gorkaklygy üçin men günäkär däl.

Myrat Gorkynyň aýdanlarynda nähilidir düşnüksiz hakykatyň bardygyny aňdy. Emma Myradyň bu zatlara düşünesi gelmedi. Ol Gorkynyň hakykatyny göterip bilmerin öýdüp gorkdy.

Gorky birden ýere seredip şeýle bir hakykatlary aýdýardy welin, Myradyň onki süňňi sökülip barýardy. Iň beterem Myrat Gorkynyň indiki aýtjaklaryndan gorkýardy. Kim bilýär käbir hakykatlary bileniňden bilmäniň gowudyr. Şonuň üçin Myrat Gorka: «Onda kim günäkär?» diýip bilmedi. Myrat bu sowalyndan näçe gorksa-da, ondan gutulyp bilmejegini bilýärdi. Gorkynyň keýpine ýanyna gelmäni bellidi. Emma şonda-da sowulyp geçenini kem görmedi.

Gorky ýere seredip oturşyna gürrüňini dowam etdi:

– Her kim meni iň uly aýbydyr öýdýär, ýüreginiň ýarasy hasaplaýar. Siz ynsanlar batyrlygy gowy görýäňiz. Niçik ogluňyz boldumy Batyr, Merdan diýşen bolup at goýýaňyz.

Myrat gark bolup barýanyň sypala ýapyşyşyny etdi:

– Dagy näme çagalarymyza «Gorkak» diýip at goýalymy?! «Tilki» diýelimi, «şagal» diýelimi?

Gorky gussaly nazaryny Myrada dikdi. Bu nazar ony bogun-bogun yzarlady. Ol indi Gorkudan hakykatdanam gorkýandygyny tutuş durky bilen syzdy.

– Bilýän sen menden gorkýaň. Gorksaňam tanap gork. Mydama meni ýüregiňde göterip ýaşamagyň aňsat däldiinem bilýän.

Emma Myradyň gorkýandygyny boýun alasy gelmeýärdi. Ol ýumruklaryny düwdi. Duluklarynyň eti düwüldi.

– Özüň gorky bolarsyň-da, seni tanap oturasy näme bar?! Men senden gorkamok, men seni ýigrenýän.

Birdenem Myrat ýerinden turup hahaýlap gülüp başlady. Näçe ýyldyr öz üstünden gülen Gorkyň üstünden gülmek oňa lezzet berýän ýalydy. Emma bu ýasama lezzet uzaga çekmedi.

Gorky hamala «Sen gürleşenime-de degeňok» diýýän ýaly turup gidip ugrady. Myrat ony saklady.

– Dur, gitme. Näme çetiňe degýämi?! Sen adamlaryň ýüregine girip, olary züwwetdin edeňde gowy-da, öz üstüňden gülünse ýakanokmy?!

Myrat Gorkynyň gussaly gözlerine seretmejek bolýardy, tutuş göwresi bilen saňňyldap dursa-da, syr bermediksirän bolýardy. Geň galdyrýan ýerem gorkara zat ýok ýalydy. Gorky ne onuň üstüne dyzaýardy, ne-de haýbat atýardy. Şonda-da Myrat gorkusyna göwresiniň sandyramasyny saklap bilenokdy. Gorky onuň içini görüp duran ýalydy:

– Saňa bu sözleri gorkaklygyň diýdirýär.

Indi Myradyň götünjeklemäge ýagdaýy ýokdy. Gülüp başladyňmy, gülen şekilli gülmelidi. Ol Gorkyň üstünden gülýärmi ýa-da öz gorkaklygynyň üsünden gülýärmi düşüner ýaly däldi. Myrat şu pursat öz bolşuny ýigrense-de, özüne erk edip bilmeýärdi. Ol:

– Gorkudanam gorkularm-aý?! – diýip, öňküsindenem gaty gülmäge çalyşdy. Onuň ýasama gülküsi daglara ýaň saldy. Gorky welin, parahatdy. Hamala ol Myradyň bu gülküsini eşitmeýän ýalydy.

– Sen meň şeýle uly güýçdügimden habaryň ýok. Namys, wyždan, söýgi, utanç-haýa ýaly, ynsany ynsan derejesinde saklap duran sütünleriň biriniň mendigimi bileňok.

Myrat özüniň Gorky bilen näme üçin jedele girenine düşünmeýärdi. Ol her näçe batyrlyk satsa-da özüniň Gorkudan ejizdigini duýýardy. Gorky Mommak däldi. Ony gaýta-gaýta urşanyň bilen ýeňip bolmaýardy.

Gorky bir aşyk ýaly daşyň üstüne ýumrugyň ululylygyndaky daşy goýjak bolýardy. Kiçi daş uly daşyň üstünde durmaýardy. Soňra Gorky daşlaryň ýerini çalyşdy . Hemme zat ýerbe-ýer boldy. Myrat Gorkynyň diýýäňmem diýmän daş oýnap oturşyna nähili düşünjegini bilmedi. Gorky daşlardan ýüzüni galdyryp:

– Sen ýaňy Muhammet şaň gorkaklygyny ýatladyň. Çingiz hanyň gorkaklygynam ýadyňa sal – diýdi.

Çingiz hanyň gorkaklyk edeni Myradyň ýadyna düşmedi. Onuň käbir söweşde hilegärlik edip, yza çekilen ýeri bolupdyr. Ol öz goşunbaşysyny elleri bilen bogup öldürmekden gaýtmandyr, ýöne onuň gorkaklyk edeni haçandyka?

– Ýadyňa düşenokmy «Maňa baky dirilik suwuny ýasap getirip beriň, bolmasa kelläňizi alaryn» diýip, alymlarynyň, münejjimleriniň üstüne dyzaýşy? Ýadyňa düşenokmy, o zalymyň baýry aýalynyň etegine başyny goýup aglaýyşy.

15.

Çingiz han: «Men gorkýan, men gabryň garaňkylygyndan gorkýan» diýip, aýalynyň etegine ýüzüni goýup, horkuldap aglaýardy. Ol şol wagt aýalça-da ýokdy, diňe ady Çingiz handy. Aýaly hany nädip köşeşdirjegini bilmeýärdi. Töwerek, uly-uly şäherler bolsa ýanýardy. Myrat bilen Gorky beýleräkde Çingiz hanyň ejizleýşini synlaýardylar. Myrat ajy tüssä bogulyp durşuna bu işe haýran galdy.

«Wagt diýlen hiç zad-ow. Dünýä gan çaýkan Çingiz hanyň ýakyp-ýandyran şäherileriniň tüssesiniň ysam gelip dur. Onuň ejizläp aglandaky horkuldysynyň sesi şu wagtam eşdilip dur. Hatda Ýer okundan sypynça-da eşdiler durar. Ýogsa şoňa daga dirilik nämesine gerek?! Käşgä serhowuzyň başynda, sülgündir tawuslaryň arasynda, tawus ýaly gelinleri daşyňda tans etdiren, hökmirowan şa bolan bolsa. Mydama ýörişde. Köşgi-eýwanam çadyrdyr. Onuň özüne Çingiz han diýdirjek bolup gören görgülerini it görse gözi agarar.»

Içinden şeýle pikirler öwüren Myrat Muhammet şanyň, Çingiz hanyň gorkusynyň ýanynda öz gorkusynyň hiç zatdygyna düşündi. Özüni olardan batyr saýjagynam bilmedi, gorkak saýjagynam. Soňam: «Men kim?! Gorkak bolamda-da, batyr bolamda-da, men kim?! Ne bir Çingiz han ne-de, Muhammet şa» diýip özüni aklamaga çalyşdy.

Gorky ýüzüni ýerden galdyrman seslendi. Onuň sesi asyrlaryň aňyrsyndan, alysdan gelýän ýaly eşdildi:

– Patyşasynyň günäsi üçin halkam şonça günäkärdir. Kiçi daş ullakan daşy göterip bilmeýär. Göräýmäge patyşa halkyny göterýän ýalydyr welin, halk patyşsyny göterýändir.

– Sen Muhammet şanyň gorkakalygy üçin halk jezasyny çekdi diýjek bolýarmyň?

Gorky jogap bermedi. Biraz dymyşykdan soň ýene Gorky Myrada göni seredip:

– Onsaňam, her kim öz ömrüniň Çingiz hany, Muhammet şasy, Jelaletdinidir. Sen muny gowy bilýäň.

Myrat gürrüňi ýene şalara, hanlara sowanyny kem görmedi:

– Sen olaryňam ýanyna meň ýanyma gelşiň ýaly bardyňmy?

– Hawa bardym, ýöne olar menden ýüz öwürdiler. Men olary terk etmeli boldum.

Myrat ýene Gorka düşünmedi. Gorkagam gorkudan ýüz öwürermi? Şonda-da gönüläp sorap bilmedi. Gorkam hiç zat düşündirmedi.

16.

Gorky Myrady ýene gurruk guýynyň başyna alyp geldi. Güýzüň soňky aýlarydy. Howanyň ýakymsyz sowugy bardy. Üstesine nirdendir bir ýerden gelen gargalaryň sesi, töweregi hasam eýmendirji görnüşe salýardy. Ýyl 1937-njidi. Myradyň gorkan gurruk guýysynyň agzy köplükdi...

Eli arkasyna daňylgy adamy gurrugyň agzyna getirýärdiler. Bäş-alty adam birden daňylgy adamy atýardy. Atylan adam guýa togarlanman bäri ýanynda ýykylýardy welin, Gyzyl komandir gelip, ädigi bilen depip, ony guýa togarlaýardy. Atylan adam agyr läş bolup, guýynyň düýbüne ýetende, patlap erbet ses edýärdi. Şonda guýynyň düýbünden çykýan güňleç ses bäş-alty tüpeň atylanda çykýan sesdenem eýmenç eşdilýärdi. Töwerekde duran adamlar tisginip gidýärdi. Hamala ol jeset guýa däl-de, tutuş halkyň ýüreginiň jümmüşine agyr daş bolup gaçýan ýalydy. Tüpeň sesine birahat bolýan gargalar hem ýetişip bildiginden gagyldaýardylar.

«Gak! Gak! Gak!» sesleri «Dat! Dat! Dat!» ýaly eşdilýärdi.

Şol wagt bir ýerden balyk satýan ýaş ýetginjek peýda boldy. Ol ýetişip bildiginden duranlara balyk hödürleýärdi:

– Alyň, arzan balyk, ýaňy tutulan balyk. Alyň, men birazajyk kemiräk çekýän welin, siz üns bermäň. Meňem il ýaly ýaşasym gelýär. Gowy geýinesim gelýär. Kakam ýaly öz üstümden güldüresim gelenok. Şoň üçin men kem çekýänime üns bermäň. Alyň, balyk alyň.

Atylmak üçin hatara goýlan adamlar duýdansyz bir ýerden çykan oglana geň galyp seredýärdiler. Ol görenokmyka bu bolup ýören zatlary, ýalpyldawuk ädikli, maňlaýy bäş ýyldyzly admadan gorkanokmyka?

Oňa çenli gyzyl ofiser balyk satýan oglany ýanyna çagyrdy:

– Gowy balyklaň bar eken. Maňa çek şu üç balygy. Kem çekeniň zyýany ýok. Ogry bolsaň, ogry şärigi bolsaň, haram-halal, Kuran-Pygamber diýmersiň. Diýjegem bolsaň diýip bilmersiň. Biz ogrular, oba ogrularynyň döwletini gurarys. Iň uly başlygyndan başlap, garawulyna çenli ogurlyk eder. Hiç kim hiç kime: «Sen haram iýýäň, ogurlyk edip ýaşaýaň, ýüregiňde gorky ýok, Hudaýdan gorkaňok» diýip bilmez. Her kim şu gün bir zatjyk ogurlap öýüne getirip bilse, şoňa begenipjik ýaşar. Şeýdip biz adalatsyzlygyň höküm sürýän iň adalatly döwletini gurarys. Iň hakyky adalat adalatsyzlygyň çür başyna çykylanda döreýändir.

Gyzyl komandir bu sözlerinden soň duranlaryň her birine balyk satyn almagy buýurdy. Kim porsap duran ogurlyk balykdan sesini çykarman alsa, ol atylman goýberilýärdi. Her kim ölmese razydy. Porsan balyk bilen janyňy satyn alyp bolýan bolsa, nä armanyň bar?! Balyk satýan oglanam harydynyň geçýänine begenjinden bökjekläp tans edýärdi. Ol ýetişip bildiginden:

– Men indi maşynam alaryn, indi pulum maşyna-da ýeter – diýip samraýardy.

Emma, porsan balygy almadyklaram bardy. Kur'anyny gujaklap, balyk almak islemedik Oraz ahunam şonda atylypdy.

– Al! Al! Alarsyň diýýän men saňa – diýip, elinde öli balyk, gyzyl komandir ahun agaň üstüne dyzaýardy. Ahun aga welin, oňa diýýämiňem diýenokdy.

– Men halala haramy gatyp bilmerin.

– Bilersiň. Sen gatmasaň nebereleriňe gatdyraryn. Süýtden suwy saýlap bolmaýşy ýaly haramy halaldan saýlanmaz ýaly ederin.

Yetişip bildiginden Kur'an aýatlaryny okaýan Oraz ahuny gurrugyň gyrasyna getirdiler. Gaharyna dym gyzyl bolan Gyzyl komandir «Atyň!» diýip, bogazyna sygdygyndan gygyryp buýruk berdi. 5-6 alty tüpeň birden boşady. Ahala belli ahun, ýüzüni kybla öwürip, «Läilähäilallah» diýip dyzyna çökdi-de, ýykyldy. Onuň gurruga togalanmanyny gören komandir ädikli aýagy bilen onam gurruga itekledi. Bu gezek asmanda gaýda-gaýmalaşyk bolup ýören gargalaryň sesi hasam eýmendirji eşdildi.

Ahuny gurruk guýa itäklän gözi gyzyl komandir:

«Dirikäň almasaň, öleňsoň alarsyň» diýip, ahun agaň jesediniň yzyndan gurruga iki sany balygy hem taşlady.

Oba adamlary:

«Ahun agany gurrukda ýatyrsak bolmaz» diýip, garaňky düşensoň, onuň jesedini ýygnamaga geldiler. Adamlar bu edýän işleri üçin ertir özleriniň atylaýmagynyň mümkindigini bilýärdiler. Töwerekden, obaň içalylylaryndan gorkýardylar. Emma başga bir has uly gorky olary gurruk guýa getiripdi. Olar gurruk guýyň alkymyna gelenlerinde azgyn komandiriň oklan balyklarynyň guýynyň agzyndan on-on bäş metr beýlede, Aýyň ýagtysyna üýtgeşik reňkde öwüşgin atyp ýatandygyny gördüler. Muňa haýran galan adamlaryň süňňi saňňyldady. Bu bir zadyň alamatydy. Her niçigem bolsa adamlar: «Aý, garga-sarga çykarandyr-da» diýip, özlerini köşeşdirdiler. Ertesi ir bilenem ahun agany ýuwup-ardyp, jynazasyny okap, obaň gaýrasyndaky Hoja mazar diýilýän gonamçylykda jaýladylar. Soň obaň aýallary şol balyklar daşa öwrülipmiş diýip gürrüň çykardylar. «Ýaňy-ýaňam adamlar ony ellemäge gorkardylar welin, Leningraddan gelen bir arhiolog gyz ýany bilen äkidipmiş» diýen gürrüň oba ýaýranda, Myrat ýaňy aşyga gyzygyp ýören oglanjykdy.

Häzir bolsa, Myrat Gorky bilen, baýryň depesine çykyp, aşakda, gurrugyň başynda bolup geçýän bu wakalary sahnada görýän ýaly synlaýardy.

Ol saňňyldaýan sesi bilen:

– Biz 37-nji ýyldamy? – diýip sorady. Gorky:

– Hawa – diýip, jogap berende ýüzi hyrsyzdy. Ony tanar ýaly däldi. Gorkynyň bu sypaty Myrady hasam gorkuzdy.

– Men 37-nji ýyldan kän soň doguldym ahyryn?..

– Döwür, ýyl, aý-gün, wagt diňe siziň ölçegleriňiz, siziň gaçyp atalgaňyz. Sen bu ölçegleriň şertli bir zatlar ekendigini bilersiň.

Ana, ýene bir adamyň jesedi gurruk guýynyň düýbüne patlap gaçdy. Myrat o tarapa seretmejek bolýardy.

– O balykçy nireden geldi. Ol näme satýar, balykmy?

– Ýok, haramy satýar.

– Haramy?! Pulamy?

– Ýok, imana.

– Adamlary näme üçin atýarlar?

Myrat bu sowaly atasyndanam kän sorapdy. Atasy düşündirse-de düşünmändi.

Gorky ajy ýylgyrdy:

– Honha, hol atylýan adamyň öýünden Kur'an çykypdyr, oraz aýy agzyny bekläpdir. Häzirem «Balyk aljak däl» diýýär.

– Gargalar ne köpelipdir?! Ýa-da bu-da bir erbetligiň alamatymy?

– Ýok. Ynsan hapalamak bilen, guş janawerler töweregi arassalamak bilen. Olar öz zikrleri, öz wezipeleri bilen meşgul...

Ýene-de eýmenç ses baýryň içine doldy. Gorkynyň ýüzi ýowuz, ýüregi ýaralydy. Ol aglaýardy, emma gözlerinden ýaş ýerine uçgun çykýan ýalydy. Myrat welin, häzir baýryň depesinde, 1937-nji ýyly ýanynda ýaly görse-de, bu bolýan zatlara akyl ýetirip bilmeýärdi. Beýleräkde obaň sygyrlaram damak ganyň daşynda bögürişýärdiler. Mähnet gara öküzem şol bir

wagtkysy ýaly, üstünden gum sowurýardy. Üstünden guýulan gumdan ýaňa, onuň reňki ala görünýärdi...

– Olar adamlary däl, meni atýarlar, meni öldürjek bolýarlar.

– Näme üçin?! Sen olara näme ýamanlyk etdiň?

– Men ölsem ynsanda ynsanlykdan nam-nyşan galmaz. Baş aýak, aýak baş bolar.

Myradyň tutuş göwresiniň ysgyny gidip, agzy gurapdy. Ol zordan:

– Olar seni öldürip bildilermi?! – diýip sorady.

Gorky ýylgyrdy:

– Görýäň-ä men seň ýanyňda, diýmek, öldürip bilmändirler...

– Senem ölýäňmi?

– Ýok.

Gorky ýene başyny gussa bilen aşak egip, ýüzüni ýerden galdyrman:

– Ýöne men ynsany, dagy alaç tapmasam, taşlamaaga mejbur bolýan...

Myrat ýuwdundy.

– Gideli bu ýerden, bahymrak gideli...

– Biz gitsegem olar atmalaryny goýmazlar. Tä ahyret gününe çenli olar meni tüpeňlärler. Gurrugyň düýbüne gaçýan jesediň güňleç sesini tä ahyrete çenli gelip-geçjek ähli adamlar seniň şu eşdişiň ýaly eşider...

Töwerek gyrawlap durdy. Baýryň ýaňy galyp ugran gyrtyjynyň ýüzüne düşen gyraw ýaşyl reňk bilen garyşyp töwrege täsin bir görnüş berýärdi. Gorkynyň aýdanlarynyň ýarysyna-da doly düşünmedik Myrat üşeýärdi. Ýukajyk köýneginiň daşyndan öz göwresini özi gujaklap ýylatmaga çalyşýan Myradyň sowukdan ýaňa eňegi titreýärdi. Ol häzir gorkusyna saňňyldaýarmy, ýa-da sowukdan titreýärmi biler ýaly däldi. Ol ýene Gorka ýalbardy:

– Gideli bu ýerden, bahymrak gideli...

17.

Myrat maşyny bilen şäher köçelerinden barýardy. Gorkam ýanynda, müşderileriň biri ýaly, öň oturgyçda oturdy. Daşyndan göräýmäge, Gorkuda adaty ynsandan tapawutly hiç zat ýokdy. Göz gytagy bilen ony synlap barýan Myrat saklanyp bilmedi:

– Bu sypatyň seň asyl keşbiňmi ýa-da meni gorkuzmajak bolup adam şekilinde geldiňmi?

Gorky pikire giden nazaryny ýola dikip oturşyna jogap berdi:

– Ynsany näme üçin köplenç asyl däl-de, şekil gyzyklandyrýarka? Meň üçin şekilimiň hiç manysy ýok. Siziň şifonerlerde asyp goýýan eşikleriňizde, heý, many barmy?

– Bolýa, onda seň aslyň nähili?

Gorky bu sowala gaňrylyp, Myradyň ýüzüne seretdi-de, çyny bilen jogap berdi. Myrat Gorkynyň gürleşende juda seýrek ýüzüne seredýändigini duýdy. Muny geň gördi.

– Meň aslym ynsana söýgüden ýasalan.

Myrat bu jogaba gülüp goýberdi. Soňam gülküsiniň ýerliksiz bolanyna düşünip:

– Bagyşla. Men seň göwnüňe degjek bolmadym. Ýöne «Ynsana ýigrençdenem şeýtan ýasaldymy?» diýen sowal kelläme geldi-de, gülküm tutaýdy.

Gorky ýene öňki parahat kaddyna geldi:

– Ýok, şeýtanam ynsana ýigrençden ýaradylan däl. Ynsan özüne ýigrenji özi döredýär.

Ýene ara dymyşlyk düşdi. Myrat ýolda müşderi alýardy. Olary islän ýerlerine äkidýärdi. Ýöne haýran galaýmaly zat olaryň birem Gorkynyň ýanlarynda oturanyny görmeýärdi. Bu bir bada Myrat üçin gyzykly göründi. Ol ýanyna münen hiç zatdan habarsyz ak sakgal ýaşuludan:

– Agam, şu wagt ýanyňyzda Gorky otyr diýsem ynanarmysyňyz? – diýip sorady. – Ýöne siz ony göreňizok.

Ýaşuly şofer ýigidiň näme diýjek bolanyna bir bada düşünmedi:

– O nämäň gorkusy?

– Gorkud-a.

Myrat Gorkyny nädip ýaşula düşündirjegini bilmedi. Ahyry aýlap-aýlap zordan düşündirdi. Myrat ýaşula düşündirýärkä Gorkyň bolşuna syn edýärdi. Ol gaty arkaýyndy. Hamala gürrüň özi hakynda gitmeýän ýalydy. Myradyň näme diýjek bolýanyna ahyry düşünen ýaşuly loh-loh gülüp, ak sakgalyny sypalady:

– Haý, oglum seňem tapýan zadyňy. Gorky her ynsanyň hemişe ýanyndadyr. Şu wagt sen gorkmaýan bolsaň, ýoluňa seretmän ýa-da gözüňi ýumup sür, göreýin, maşynyňy. Gorkudan ynsana zyýan gelmez. Ýöne bela gelmänkä gorkmalydyr, üstüňe gelensoň gorkudan peýda bolmaz – diýdi.

Myrat sadasyran boldy:

– Mydam saňňyldap ýörübem ýaşap bolmaz ahyryn?

– Oglum, gorkmaly zadyňam, gorkmaly däl zadyňam edil dost saýlan ýaly saýlamalydyr.

Myrat ýene özünkini tutdy:

– Gorky bir gelse, ony saýlap seçip durup bolýarmy? Arkaňdan ýolbars ýaly bir it hopba bolaýsa, sen gorkýan-gorkmaýan diýip bilermiň?

Ýaşuly ýene loh-loh güldi.

– Oglum, çatrykdan geç-de saklaý, men geldim. Sen bir itden gorkusyna-da saňňyldap duran adam hakynda soradyňmy? Şujagaz ýerde saklaý. Olar ýaly adamlara gorkak diýler. Gorkaklar hakynda indiki gezek duş gelişsek gürleşeris. Şu bolarmy? – diýip, gürrüňçil ýaşuly Myrada pul uzatdy. Maşyndan düşüberjek ýaly eden ýaşuly birden saklandy-da:

– Adamlar aýalyndan, baýlygyny, wezipesini ýitirmekden, uly başlygyndan gorkup, Alladan bolsa gorkman ýaşasalar, bü dünýäň bulam-bujarlygy dowam eder durar – diýdi.

– Häk, ýaşuly, sizde gep-ä kän eken welin, arman bahym düşäýdiňiz-dä.

Ýaşuly düşenden soň, başga bir müşderi mündi. Ol Myradyň gorky hakynda gürrüň gozgamasyna:

– Adamlaň gara gaýgysy bir manadyny iki etmek, seň ýadyňa gorky düşýär – diýdi. Ol hakykatdanam gaty aljyraňňy görünýärdi. Gorky ýadyna düşer ýaly däldi. Myrat ol müşderini düşürip öz ýanyndan «Ýeri, gorky bilen manadyň näme dahylly ýeri bar? Gorky öz başyna gazanç öz başyna» diýip pikir etdi-de, soňam «Ýa, edil beýle-de dälmikä?» diýdi. Ýene bir müşderi:

– Gorka-gorka şu güne geldik. Sen bir gorkyň gürrüňini etmesene. Ynsany ejiz bir mahluk edýän gorkydyr-da – diýdi. Oňa şol ýigrenýän Gorkyň-a, ýanyňda otyr diýip görkezäýseň, bellisini edäýerlidi. Myrat bu pikirinem makullamady: «Aý, gaýta züwdürip, gaçaýmasa, gaty batlyja gürlän bolýar welin...»

Myrat ýene bir orta ýaşly adamdan:

– Ölüm gorkunçmyka ýa-da ölüm gorkusy? – diýip sorady. Ol:

– Ölümden gorkuşymyz, ölümiň özünden has beter bolaýmasa – diýse, başga bir ýaşuly:

– Ölümiň hakyky keşbiniň ýanynda gorkymyz hiç zatdyr – diýip jogap berdi. Myrat olaryň haýsyna dogry diýjegini bilmedi. Ahyry Gorkyň özünden sorady. Gorky:

– Çingiz han gorkunçmy ýa Muhammet şanyň gorkusy? Ölümem şoň ýalydyr. Ondan ynsanyň gorkuşy has beterdir – diýip jogap berdi. Myrat Gorkyň garşysyna gitdi:

– Sen näme ölüp gördüňmi?

Gorky ýylgyrdy.

– Sen nähak ýere meni günäkärleme. Her gorkagyň gorkaklygy üçin Gorkam günäkär däl, ölümem.

Myrat saklanyp bilmedi:

– Onda kim günäkär?

18.

Ene-de Gorky gaýyp boldy. Myrat maşynyny saklady. Gorky uzakdan baýryň ýüzi bilen ýokarlygyna barýardy. Myrat onuň yzyndan ylgady.

– Dur! Jogap ber, gorkagyň gorkaklygy üçin, Gorky günäkär däl bolsa, kim günäkär? Sen şuňa jogap bermejek bolsaň, näme üçin maňa göründiň?

Gorky howlukman barýardy. Onuň ädimleri ýeňildi. Myrat welin, haşylap beýik baýra zordan dyrmaşýardy. Myrat bu barýan ýerleriniň obalarynyň ilersidigini bildi. Gaňrylyp yzyna seretdi. Honha, aşakda şol gurruk guýy. Oglanlaram goýun bakyp ýörler. Ýöne olar Mommak dagy däldi. Olar başgadylar. Myrat haşylap barşyna hem Gorkyň yzyndan ýetjek bolup haýdaýardy hem içinden şu pikirleri öwürýärdi:

– Mümkin olar Mommak dagyň ogullarydyr ýa agtyklarydyr. Meňem eýýäm kiçi oglum şolar ýaly ýaşa ýetdi ahyryn. Olaram aşyk oýnaýar. Olaram aşyklaryny gurruk guýa gaçyrarlarmy? Dursana. Meň bilmeýän zadym bar, aýtsana... Olaram aşyklaryny gaçyrarlarmy? Sen näme niýet bilen ýanyma geldiň?

Ahyry Myrat Gorkyň yzyndan ýetdi. Şo bada hem töweregiň reňki üýtgän ýaly boldy. Bu gaýaň depesem däldi, deňziň ýakasam. Myrat ömründe görmedik reňkleriniň arasynda ýüzýärdi. Ösüp oturan agaçlar hamala nurdan ýasalan ýalydy. Olaryň her pyntygy, her baldagy lowurdap, gözüň ýagyny iýip barýardy. Uzakdan täsin bir nur görünýärdi. Ýogsa töwerek garaňky gijeligem däldi. Nuruň arasyndan görünýän Gorky şol mylaýym ýylgyrşy bilen gürleýärdi:

– Adam gorkudan däl, gorkaklykdan gorkmalydyr. Sen bularyň ikisem bir zatdyr öýtme. Gorkak gorkudan gorkýandyr. Çyn gorkyny ýüregiňde göterip bilmek üçin, hezreti Alynyňky ýaly batyr ýürek, çyn iman gerekdir. Diňle, dört çaryýarlaryň iň soňkusy, men hakynda näme diýýär.

"Men islendik başga bir zatdan gorkýan diýmäge-de Alladan gorkýan!"

Hawa, Alladan gorkan adam başga hiç zatdan gorkmaz. Çyn gorkudan dörän bu batyrlyk namardyň ýüregine sygmaz, bigaýrada, müsginsokara beýle gorky götertmez. Bu sözleri aýtmak, şoňa görä-de ýaşamak üçin, nähili batyrlyk gerek.

Ýadyňa sal, Gökdepe urşunyň şehitlerini. Ol şehitleriň ýüregindäki çyn gorka, kapyrlardan gorkmakdan has üstün gelýän, Allanyň öňündäki gorka düşünjek bol. Sen ol ärleri ýaraglarynyň gyrkylyk bolandygy, harby ylymda ýeten derejeleriniň pesdigi, dünýä siwilizasiýasynda yza galandyklary bilen aýplap bilersiň. Emma hiç kim olara köre-kör batyr, düşünjesiz mert diýip bilmez. Olaryň batyrlygy köre-körlügiň nyşanasy däl, iman nurundan nyşandy. Ýüreginde iman nury, Alladan gorkusy bolan, Çingiz han ýaly, garaňky gabyrdan gorkup, baky diriligiň dermanyny gözlemez. Ýa-da bir dinsiz mysaly, ölümden gorkusyna bu dünýe çüýrük, soňy garaňky gabyra direýär diýip, arak-şerap, keýpi-sapa gözleginde hapa wejeralyga özüni aldyryp, ruhuny dirikä öldürmez. Musulman ölümem, diriligi söýüşi ýaly, deň derejede söýer. Onuň ähli gorkusy özüni Alla tabşyrmagy, her bir zatda Allanyň emrini görmegi bilen dep bolar. Ýüregiňde Alladan başga zatdan gorky dörese, bu köre-kör gorkudyr. Çyn gorkmaly gorky – Alladan gorkmazlykdyr. Alladan gorkulman ýaşalýan dünýe hiç haçan düzelmez.

Gorkynyň sözlerem üýtgeşik reňklere bürenýän ýalydy. Nirdendir uzakdan täsin sazyň owazam Gorkyň sözlerine garyşyp gelýärdi.

– Batyrlygyň nähili bolýandygyny menden gowy bilýän, oňa menden gowy düşünýän ýokdur. Sebäbi ol meň perzendim. Batyrlyk menden - çyn gorkudan döreýändir.

Çyn mähirem, çyn söýgem edil çyn batyrlyk ýaly menden döreýändir. Gorkaklykdan gorksaň çyn batyrlyk dörär. Ýalançylykdan gorksaň dogruçyllyk dörär. Messepsizlikden gorksaň, bir lebizlilik dörär. Bigaýratlykdan gorksaň, gaýrat geler. Binamyslykdan gorksaň namysyň oýanar. Bularyň hemmesiniň aňyrsynda-da çyn gorky ýatandyr. Alla gorkusy. Şol gorkam çyn söýgüni döredýändir - Alla bolan söýgüni...

Käbir adam şeýle çyn gorky bilen ýaşap bilmez-de, gorkaklyga ýüz urar. Gorkaklygy özüniň halasgäri saýar. Käbir ynsanyň ýalany halasgär saýyşy ýaly...

Emma şeýle bir gorky bardyr. Alla menden ýüz öwüräýse, Alla menden närza bolaýsa şonda näderin diýen gorky.

19.

Myradyň atasy ölüm ýassygynda ýatyrdy. Alagaraňky jaýda dermanlaryň ysy höküm sürýärdi. Olar hassanyň başujunda kiçijik stoluň üstünde rejelenip goýulypdyr. 10-15 ýaşlyja Myrat atasyna Magtymgulynyň goşgusyny okap berýärdi. Ölügsi yşyga kitap okaýan Myradyň gözleri ýadap gidipdi. Ol atasy uklandyr öýdüp, her gezek kitaby goýjak bolanda atasy: «Okaber» diýip ýuwaşja seslenýärdi. Myrat bialaç goşgy okamasyny dowam etdirmeli bolýardy.

...Haky ýada salsaň, hakdan gorkyňa,
Şeýtan ara düşer, goýmaz erkiňe,
Guba juwan, guwanmagyl görküňe,
Gojalar sen, görküň ýüze myhmandyr.

Magtymguly, öwüt bardyr sözümde,
Ölüm ýadymdadyr, gorky gözümde,
Her niçe ýaşasaň ýeriň ýüzünde,
Adam ogly bäş gün duza myhmandyr.

Ysgyn-rowgaty giden goja agtygynyň adyny tutup çalaja seslendi.

– Ata näme?

– Meni bir dikelt ýagty jahany göreýin.

Myrat ejizje gollary bilen süňk bolup giden atasyny dikeltdi. Garrynyň guran elleri penjräniň öňüne oturdylan gözenege ýetdi. Ol gözenekden aslyşyp, göwresini galdyrdy-da daşaryk seretdi. Biçäre gojanyň kütelen gözleri tamyň öň ýanyndan galdyryrlan adam boýy haýatdan başga hiç zady görmedi. Onuň dodaklary çalaja gymyldaýardy. Myrat onuň:

«Ölüm ýadymdadyr, gorky gözümde» diýip gaýtalaýanyny eşitdi. Myrat atasynyň seredýän tarapyna sertdi. Birden gözüne şol gurruk guýyň başynda ýeke özi otyrka görünen adam haýatyň ýüzünde-de görnüp gitdi.

– Ata, ata, o ýerde bir adam bar...

Emma atasy onuň sesini eşitmeýärdi. Onuň jansyz gowresi agtygynyň gujagyna syryldy. Myrat:

– Ata! Ata! – diýip bogazyna sygdygyndan gygyrdy...

20.

Huw, Hak» diýip gygyrýan derwüşiň sesi uzaklara ýaýrap gidýärdi. Onuň sesine harabalardaky hüwüler oturan ýerlerinden uçmaly bolýandyklaryna gynanýan ýaly, kynlyk bilen gobsunyp, ganatlaryny galgadýardylar. Olar uzak uçmanam ýene gonýardylar. Derwüşiň sesine goşup «Hüw... Hüw...» edýärdiler. Derwüş beýik söwüdiň aşagyna gelende, gara sarlar paýrap, asmana dökülen monjuklara meňzäp, pasyrdaşyp ördüler. Gorky edep bilen derwüşe salam berdi. Derwüş:

– Ber, sowalyňy, Gorky, ýanyňdakam diňlesin – diýdi. Gorkyň ýanyndaky Myratdy. Ol derwüşe-de, baýguşlara-da, garasarlara-da haýran galyp bakýardy. Gorky sowalyny berdi:

– Eý, derwüş! Aýt, sen Allany söýýärmiň ýa-da Ondan gorkýarmyň?

Derwüş Alla sözüni eşdenden ýene «Huw, Hak» diýdi-de, Gorka jogap berdi:

– Men Allany gorkýanym üçin söýýän, söýýänim üçin gorkýan. Alladan gorkym, Alla bolan söygim – ýolumyň yşyklarydyr. «Alladan gorkym meni taşlap gidäýmesin, Alla meni söýmesini goýaýmasyn» diýen gorkym, meň iň eziz duýgymdyr...

Gorky Myrada tarap öwrüldi-de, derwüşiň sözleriniň yzyny ýetirdi:

– Ynsan ilki gorkar, soň düşüner, soň bolsa söýer. Şeýle bir söýer, gorkusynam söýer. Eger gorkusy ýitäýse, söýgüsem sönäýjek ýaly görüner. Beýle ynsanlar meni başlaryna täç ederler. Meniň başymyň täjem olardyr. Beýle duýgy bilen ýaşamak üçin, hökman derwüş bolmalydyram öýtme.

Derwüş:

– Bir gorky bardyr – gorkularyň patyşasy. Ol – Alla menden ýüz öwüräýse diýen gorky... Huw, Hak... Huw, Hak... – diýdi-de, ýoluny dowam etdi:

21.

Gorky Myrady ýene bir eýmenç ýere getirdi. Üstünden tikenekli, tokly sim çekilen uzyn diwar bu ýeriň daşyna aýlanypdyr. Diwaryň burçlarynda eli awtomatly esgerler beýikden ýörite edilen ýerlerde oturyp, içindäkileriň daşyna çykmazlagy üçin gözlerini gyrpman garawulçylyk çekýär. Diwaryň iç ýüzünden birden daşyna gaçyp çykmaga hyýal eden tapylaýsa aýagyna çolaşsyn diýip, möýüň kerebine meňzeýän inçe simler bulaşdyrylyp atylypdyr. «Kerebiň» aňyrsyndan bolsa, ýaragly esgerler her bir sagatdan yz çalyp aýlanýarlar. Olaryň öňülerine düşüp barýan ýörite itleriniň ýiti, ýakymsyz sesi gelýärdi.

Tikenek simleriň aňyrsynda «türme» diýlip atlandyrylýan, başga bir dünýe bardy. Aslynda içerdäki dünýede, daşyndaky dünýeden döräni üçin, gowy oýlansaň, kän bir tapawudam etmeýärdi. Birbada eýlesi-beýlesi bir gektar töweregi tutýan bu ýerdäkileriň bary günäkär, onuň daşyndakylar bolsa, günä iş etmedik ýaly görünýärdi. Içindäkileriň hemmesine geýdirlen gara eşigem, munuň şeýledigini tassyklamak üçin, girizilen düzgün ýalydy. Her kim gara eşikde, saçy, sakgaly syrylan, kysmata kaýyl ynsanlar. Bu görnüş daşyndan geleni üýşendirýärdi. «Hakyky günäkärler, daşynda içindäkilerden has köpdür» diýen pikiri kelläňe-de getirmeýärdi.

Bu gün zona adatdakysyndan hem ýowuzdy. Ýokardan barlag gelipdi. Tussaglaryň egin-eşikleri, saçlarynyň syrylandygy, ýatakhanalar barlanýardy. Özüne göwni ýetýän iki-ýeke murt goýberden tussaglaryň murtlaryny syrýardylar. Barlagçylaryň başlygy ýasy, etlek ýüzli polkownik edil guduzlan ýalydy. Ol sähel zady bahana arap yrsaraýardy. Bäş-bäşden hatar oturan tussaglary sanap, goýun agyly ýaly edilip ýörite daşyna gözenek aýlanan kiçiräk aýmançaň içine salýardylar.

Zonada 4-5 sany ýaşy ýetmişe golaýlan sakgaly ýaşulam bardy. Polkownigiň birden olaryň sakgalyna jyny düşdi. Şu wagta çenli näçe barlagçy gelse-de, ýaşulularyň sakgalyna azar berýäni ýokdy. Ol welin, agzyndan tüýküligini syçradyp, rus dilinde hapa sögünip:

– Sakgal-murt gadagan syrmaly. Ýaşulyňam bilemok, beýlekiňem – diýip töweregine dalanýardy.

Bu görnüşi synlap duran Myrat polkownigiň ýüzüni öňem bir ýerde gören ýaly boldy. Gorky ýowuz nazaryny üýtgetmän:

– Hawa, bu şol balyk satýan oglan – diýdi.

Myrat birden garyn salyp ýognan paşşyk ýüzli polkownikde şol porsan balyklaryny satýanyna begenjine bökjeleýän oglanjygy tanady. Onuň depe saçy düýrügip gitdi.

Barlagçylaryň matlabyndan bihabar sanawdan geçip barýan Täşli agany sakladylar. Ony milletiň öňünde gaty oturgyçda oturtdylar. Ýaşuly şonda-da nämäň-nämedigine düşünmedi. Soň zonaň işgärleriniň hyzmatyny edýän tussag eňegine ýapyşanda sada görgüli rejäň geň däldigine düşündi. Goja bir «Ýok!» diýdi-de, ýaňky tussagyň döşünden itip goýberdi. Garry adamdan beýle zada garaşmadyk tussag arkan serilip gitdi. Päkisi, stakany, beýleki şakur-şukurlary goýlan oturgyjam bile düňderlip gitdi. Hyzmatkär tussagyň ýykylyşyna aýmançada ýygnanan tussaglar gülüşdiler. Oňa çenli iki sany esger ylgap geldi-de, garryň elini arkasyna towlady. Ile gülki edilenine hyzmatkäriňem gahary geldi. Ol Täşli aganyň juw ak sakgalyndan ýapyşdy-da päkisini işledip başlady.

Ýaşulynyň gözünden akýan ýaşyň hor çekgesinden syrygyp sakgalyny ezişine doňýürek polkownikden başga hiç kim seredip bilmedi. Hatda «Heý, şularda rehim-şepagat bir barmyka?» diýdirýän, türmäň bir-iki sany ýakasy gaýyşly ofiserem, ýüzüni sowdy. Birden polkownigem hyrra yzyna öwrüldi. Soňam ýerde ýatan daşy ýalpyldawuk ädiginiň burny bilen gaharly depip goýberdi.

Polkownigiň daş depişi Myrada Gyzyl komandiriň gurruk guýa jesedi depip goýberişini ýatlatdy.

Ýaşulyň sakgaly derrew syryldy. Sowet türmesinde düzgün-tertibe seredýän sowet esgerleri Täşli aganyň elini goýberdiler. Garry görgüli boşanyndan bir eli bilen taýparyp galan eňegini tutdy, beýleki eli bilen bolsa ýerde bulaşyp ýatan sakgalyny ýygnady. Ýaňam garrynyň ýüzüne gelşik berip duran ak sakgal indi ýaşulyň sandyraýan gysymynda bigörk görünýärdi. Täşli aga ýetişip bildiginden samraýardy:

– Ýa, Ýaradan, günämi geç. Men sakgalymy gorap bilmedim. Günämi geç. Başymy alsadylar, şehit bolardym. Ýa, Ýaradan günämizi geç...

Myrat durup bilmedi:

– Ol ýaşuly bu ýaşdan soň, näme jenaýat iş etdikä?

Gorky jogap berdi:

– Ol oglunyň etmişini öz boýnuna alyp bu ýerlere geldi. «Indi men nirede bolamda näme, sen çagalaryňdan aýrylma. Sen tutulyp gitseň bular hor bolarlar. Garry adamdyr diýip, maňa, belki, kän ýylam bermezler» diýip, ýeke oglunyň ýerine özi gaýtdy.

– Oglunyň günäsi nämedi?

– Tirýek satýady...

Täşli aga üçin sakgaly bar zadydy. Bir jedelliräk gürrüň çyksa, «Ak sakgalymy sallap, men şeýle iş ederinmi?!» diýerdi. Gojanyň göwnüne ähli bet işlerden ony goraýan, ýagşy işlere sebäpkär bolýan, döşüni tutup duran sakgaly ýalydy. Ol sakgalyny bäş barmaklary bilen daraklap goýbermäni gowy görerdi. Şeýdende özünde buýsanç duýgulary oýanardy. Ahyret gününde-de ol şu sakgallary üçin ýalkalaryn diýip umyt ederdi. Her täret kylanda sakgalyny gowy öllärdi.

Täşli aga bir agajyň aşagynda çukur gazyp emaý bilen sakgalyny gömýärdi. Ol perzendinden, agtyklaryndan aýrylyp, şu ýowuz ýerlere düşeninde-de, häzirkisi ýaly, agyr hala düşmändi. Bu jepaly goja ogluny, gelnini, agtyklaryny kyn günden halas edip, bu ýere göwnäp gelipdi. «Başyma herne düşse, garry süňkdirin çydaryn» diýip, kysmatyna kaýyl bolup gelipdi. Ol açlyga, suwsuzlyga, hat-da azana duşup, birdir ýarym gezek urulmaga-da razydy. Emma häzirki görkezilen sütem welin, onuň ýatsa-tursa aklyna-da getirmedik sütemidi. Bu sütemiň, beýle kemsidilmegiň aşagynda garry süňk däl, gojanyň nije çärşenbäni başyndan geçiren daşdan gaty gara maňlaýam ýarylana dönüpdi. Adamyň edýänine, ýene adam çydýar, hem adamy göterip ýören zemin.

Tussagda oturan ýoldaşlaryndan ýaşula göwünlik berjek bolup: «Täşli aga, degmeseň, sakgaldyr, ýene on-onbäş günden öňküsi ýaly bolar, özüňi gynama» diýenlere: «Hawa-la, oňa aklym ýetýä-le» diýip jogap berýärdi. Emma onuň içinde welin, şeýle harasatlar turýardy: «Ynsanyň kimdigini görkezýän bir sypaty bardyr ahyryn. Ynsanyň aryny, namysyny, abraýyny, derejesini görkezýän bir alamatlary bardyr ahyryn. Ýaşulyň ýaş-ýuwuşdan, erkegiň aýaldan tapawudyny görkezýän zat bolmasa nähili bolar?! Ol tapawutlandyrýan zatlaryň gadyr-gymmatyny bilmesek, biziň özümizde sylag-sarpa galmaz ahyryn. Aýallarymyzyň ýaşmagyny sypyrdyp, gyňajyny oda oklatjak bolanlar muny bilmän etdilermi?! Näme ol gözi gyzaran polkownik düşünmän, bilmän sakgalyma ýapyşýarmy?! «Ýaşulynyň iň goraýan, gadyr-gymmatyny ähli zatdan ýokarda tutýan zady şudur. Şuny oň elinden alaýyn, onda ne ar galsyn, ne namys, ne dereje galsyn ne sarpa, ne Alla gorkusy» diýýär.

Birden dörän gorkudan gojanyň tutuş göwresi titräp gitdi.

– Perwerdigärim sakgalym syryldy, ýöne Senden gorkymberi ýüregimden syrylyp gitmäwersin. Ýa, Ýaradan, Saňa bolan gorky ýüregimizden syrylan biziň bilen deň bolmaweri.

Gorky hem ýaşulynyň dilegine goşulyp özüçe dileg etdi:

– Ynsan garransoň, onuň gorkusy azalyp, umydy köpelsin.

Myrat Gorkyň bu sözlerine düşünmedi. Gaňrylyp onuň ýüzüne soragly seretdi. Gorky jogap berdi:

– Ýaradan welileriň birinden: «Sen ynsana näme dilegiň bolsa dile» diýeninde, şeýle dileg edipdi: «Ýa, Ýaradan! Goý, ynsanyň ýüreginde ýaş wagty Senden gorkusy köp, umydy az bolsun. Garransoň welin, tersine, gorkusy azalyp, umydy artsyn!»

Bu sözler Myradyň inini tikenekletdi. Ol içinden Gorkyň sözlerini biygtyýar gaýtalanynam duýmady.

Myrat bilen Gorky biçäre gojanyň golaýjygynda durdy. Ýaşuly üçin hiç zat elinden gelmeýän, hatda göwünlik beribem bilmeýän Myradyň tutuş göwresi saňňyldaýardy. Çagalygynda aýaklary bilen üstünden gum sowuryp bögürýän mähnet öküzden gözüni aýryp bilmeýşi ýaly, ol garrynyň ýylpyldap betgelşik görünýän ýalaňaç eňeginden, gözýaşa ezilen, syrylan sakgalyny gysymlan barmaklarynyň arasyndan çykyşyp duran gyllardan gözlerini aýyryp bilmeýärdi. Ak gyllar kümüş deýin, Günüň nuruna ýylpyldaýardy.

22.

Myrat ýene çola bir ýere geldi. Aňyrrakdan demir ýoluň relsleri, ýere taşlanan pyçaklar ýaly, ýalpyldap görünýärdi. Myradyň gözi bir mazarda eglendi. Ol bir hili sarsyp, yrgyldap ýatyrdy.

– Bu kimiň mazary?

– Gökdepe şehidiniň.

– Ol näme ýeri sarsdyryp ýatyr?

– Deňinden poýezd geçende şoňa sarsýar...

Hakykatdanam aňyrdan bir poýezd ýeri sarsdyryp gelýärdi. Onuň ýüküniň nämedigi bildirenokdy. Ýöne agyr bolara çemeli, onuň haşşyldysy uzakdan eşdilýärdi. Namys-ar, Watan diýip başyny goýan şehidem ýeri sarsdyryp ýatyrdy...

23.

Birden kellelerindäki börüklerini oda oklaýan türkmen aýallary edil dokumental kinokadrlary ýaly Myradyň göz öňünden geçip başlady. Gün ikindidi. Ortada uly ot ýanýardy. «Ýok bolsun, könäniň zyýanly galyndylary!» diýlip ýazylan ýazgylar, oduň ýagtysyna hasam ýiti görünýärdi. Ýanýan esgiden erbet ys töwerege ýaýraýardy. Bu işi edýäniňem, etdirýäniňem, muny synlaýanyňam ýüreginde uly gorkynyň, howpuň howsalasy turýardy. Her kimiň ýüregi howsalalydy. Bäş-üç sany obada belli bozuklar heşelle kakýardy. Şäherden ýörite iberilen gaýyş papakly wekil:

– Aýal-erkek deň hukuklydyr! Biz garyp-gasaryňam, aýal-gyzyňam hukugynyň kemsidilmegine ýol bermeris! Kolhozlar gurarys! Komsomol toýlaryny tutarys! Indi bize «yza galak türkmen» diýen atdan halas bolmaga wagt ýetdi...– diýip bogazyna sygdygyndan gygyryp, ýygnanan mähelläniň öňünde nutuk sözleýärdi. Ot bolsa, gitdigiçe güýjeýärdi. Nutuk sözleýän wekiliňem sowuk gözleri şol ot deýin ýanýardy. Ol özüne garşy giden her bir zady ýakyp ýandyrmaga taýýardy. Wekiliň gözlerinde gorky-ürküden nam-nyşan ýokdy. Ol:

«Ýaşasyn bolşewikler partiýasy!» diýip, gygyranda goňşy obada suw tutup ýören, bu wakalardan habarsyz suwçulara çenli eşdipdi. Olar: «Bu ses nireden gelýärkä, ýa Asmanam «ýaşasyn belşewik» diýip gygyraýýarmyka? Ýa bu ahyrzamanyň alamatymyka?» diýşip, bir-birlerine-de bildirmän, içlerinden kelemelerini gaýtarypdylar.

Bolşewigi diňleýän giden mähelle bolsa, hem otdan, hem bolşewigiň gözlerinden gözlerini sowup bilmän, jadylanan ýaly seredýärdi.

Tikenekli sim, gözi ýaşly ýaşulynyň sakgalynyň syrylyşy, Oraz ahunyň gurruga iteklenşi, aýallaryň börüklerini sypyryp oda oklaýyşlary, gulagyňy gapyp barýan sazyň aşagynda tutulýan komsomol toýlary, ýer sarsdyryp ýatan şehidiň mazary... bary birden Myradyň gözüne göründi. Ol bu görnüşe seretdigiçe, gorkunç gurruk guýudan hem has aýylganç, has garaňky, düýbi görünmeýän çuňluga gaçyp barýan ýaly boldy. Myrat hopugýardy. Gygyrýardy. Emma öz sesini özem eşdenokdy. Ýapyşara-da hiç zat ýokdy. Guýynyň diwarlaryna ýapyşjak boldugyça üstüne gum dökülýärdi, elleri taýýardy. Gurrugyň diwarlarynyň ýüzünde Myradyň diňe dyrnaklarynyň yzy galýardy. Ol bu gurruk guýynyň şol gorkan guýusydygyna düşündi. Mundan ony indi ne dostlary, ne-de obadan geljek uly adamlar çykaryp biljekdiler. Belki, atasam «Ölüm ýadymdadyr, gorky gözümde» diýip pyşyrdanda, haýatyň ýüzünde şu guýynyň sypatyny görendir. Atasy agyr ýatyrka:

– Oglum men ölümden gorkamok. Irde-giçde ölmelidigine akylym ýetýär. Ýaşym togsana ýetip barýar, bu dünýede armanym galmady. Ýöne başga bir zatdan howp edýän, nämediginem düşündirip bilemok – diýende Myrat öz ýanyndan gabyra girmekden gorkýandyr diýip pikir edipdi. Onuň çaga akylynyň ölümde görýän zady, gabyr bilen tamamlanýardy. Bu gün welin derwüşiň: «Bir gorky bardyr – gorkularyň patyşasy. Ol Alla menden ýüz öwüräýse diýen gorky... Huw, Hak... Huw, Hak...» diýip baryşy, sakgalyny gömýän gözi ýaşly garrynyň: «Perwerdigärim sakgalym syryldy, ýöne Senden gorkymberi ýüregimden syrylyp gitmäwersin... Ýa Ýaradan, Saňa bolan gorky ýüregimizden syrylan biziň bilen deň bolmaweri» diýip, yzyny üzmän özbaşyna gürleýşi, onda täze duýgulary, täze düşünjeleri oýarýardy. Bu düýpsüz gorpa ýykylyp barşyna, onuň ýüregine başga bir gorky ornaýardy.

24.

Myrat tisginip oýandy. Ol maşynyň içinde uklap galanyna düşündi. Töwereginde hiç kim ýokdy. Myrat köpden bäri beýle süýji uklamandy, endigine görä sagadyna seretdi – günorta naharynyň wagty bolupdyr. Ol bir zat görmek isleýän ýaly, gapdalyndaky kürsä seretdi. Myrat Gorkynyň ýanyndan gitmändigini duýýardy. Gaňrylyp maşynyň yzky oturgyçlaryna seretdi. O ýerde-de Gorky ýokdy. Birdenem Gorkynyň has ýakynyndadygyna düşündi. Ol köňlünde, birhili ýakymly galpyldy bilen birlikde, üýtgeşik bir rahatlyk, giňlik duýýardy. Çünki indi o ýerde tertipleýji, gözükdirji bir täsin güýç bardy. Ol güýjüň ady Gorkydy...